TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY

A.O.Sopyýewa

# SERTIFIKASIÝA

**Hünär:** Standartlaşdyrmak we sertifikatlaşdyrmak

**Aşgabat – 2010**

# GIRIŞ

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde geljegimiz bolan ýaşlaryň dünýäniň iň ösen talaplaryna laýyk gelýän derejede bilim almagy üçin ähli işler edilýär. Hormatly Prezidentimiz döwlet başyna geçen ilkinji gününden bilime, ylma giň ýol açdy, Türkmenistan ýurdumyzda milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek boýunça düýpli özgertmeler geçirmäge girişdi. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» 2007-nji ýylyň 15-nji fewralyndaky Permany bilim ulgamyndaky düýpli özgertmeleriň başyny başlady. Häzirki wagtda milli bilim ulgamyndaky döwrebap özgertmeler ýaş nesliň ýokary derejede bilim almagyna we terbiýelenmegine, giň dünýägaraýyşly, edep-terbiýeli, tämiz ahlakly, kämil hünärmenler bolup ýetişmeklerine uly ýardam edýär. Okuw kitaby Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler zamanasynda ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamaklyga bildirilýän talaplary göz öňünde tutup taýýarlanyldy.

Hormatly Prezidentimiziň Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlan reformalaryny üstünlikli amala aşyrmak üçin ykdysadyýetimizde diňe ýakyn ýyllarda däl, eýsem, has uzak ýyllarda hem nähili meseleleri çözmeli boljakdygyny öňünden kesgitlemelidiris. Mysal üçin, häzirki wagtda ykdysady Galkynyş we özgertmeler syýasatynyň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin milli strategiýasynyň maksady. Sertifikatlaşdyrmak- bu gün durmuş ýaşaýyş şertlerinde sosial ykdysady sferada bolmagyny üpjün edýän durnuklandyryjy faktor hökmünde dünýä derejesinde söwda gatnaşyklarynyň ugurlary boýunça syýasatyň esasy açary bolup durýar hem-de biziň jemgyýetimiziň milli ykdysadyýetimiziň bäsleşige ukyplydygyny artdyrmagyň esasy serişdesi bolup hyzmat edýär.

Türkmenlerde “Ylymly il ozar, ylymsyz tozar” ýa-da “Bilegi güýçli birini ýykar, bilimi güýçli müňini” diýen pähim-parasatlar ýöne ýere döremändir. Bu sözleriň aňyrsynda halk ykbaly ýatyr. Hut şonuň üçin hem biz Täze Galkynyş eýýamynda ýurdumyzda ylmyň ösüşine aýratyn üns berýäris. Döwlet tarapyndan uly goldawyň berilýändigine garamazdan, entek ýurdumyzda ylmy oýlap tapyşlar bilen önümçiligi baglanyşdyrýan, ylmyň gazananlaryny durmuşa geçirmegi üpjün edýän, olary özara sazlaşdyrýan ulgam ýok. Netijede bolsa, olary ykdysadyýetimize ornaşdyrmak işi örän haýal alnyp barylýar. Emele gelen bu ýagdaý bizi düýbünden kanagatlandyrmaýar. Häzirki zaman şertlerinde islendik döwletiň kuwwaty we gülläp ösmegi, ilkinji nobatda, ylmyň we tehnologiýalaryň ösüşi, milletiň intellektual derejesi bilen kesgitlenilýär. Ylym ähli ösüşiň özenidir, hamyrmaýasydyr. Ylymsyz ýurduň durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösüşini gazanmak asla mümkin däldir. Halkara standartlaryny nazar almak bilen, ýurdumyzyň aýratynlyklaryny we zerurlyklaryny hasaba alyp, olar öz işlerinde esasy ugurlary kesgitlemelidirler hem-de innowasion mümkinçiligi berkitmek işlerine goşant goşulmalydyr. Adamzat gadymy zamanlardan bäri tehniki nusganyñ mümkinçiliklerini ykrar edip gelýär. Müsürliler ägirt ymaratlardyr-piramidalary guranlarynda hemişelik standart ölçegindäki kerpiçleri ulanan bolsalar, Rimliler hemişelik ölçegdäki suw geçirijileri- turbalary guranlarynda standartlaşdyrmagyñ ýörelgelerini ulanypdyrlar.

Orta asyr hünärmençiligiñ ösmegi bilen, standartlaşdyrmak işleriniñ giñden ulanylýan zamanasyna öwrülipdir. Adamlaryñ standartlaşdyryş bilen bagly düşünjeleri ylymyñ, tehnikanyñ ösmegi we önümçiligiñ kämilleşmegi bilen ösüpdir we kämilleşipdir. XIX-njy asyryñ ikinji ýarymynda standartlaşdyryş boýunça işler senagat kärhanalarynyñ hemmesinde diýen ýaly geçirilipdir. XIX-njy

asyryñ ahyrynda we XX-nji asyryñ başynda tehnikanyñ, senagatyñ we önümçiligiñ ähli ugurlarynyñ ösüşinde uly üstünlikler gazanylypdyr. Şonuñ bilen baglylykda ykdysady taýdan has ösen ýurtlarda guramaçylykly milli standartlaşdyryş işlerini geçirmek başlanypdyr we bu köp halatlarda standartlaşdyryş boýunça milli guramalaryñ döredilmegine getirilipdir. Standart˝ düşünjesi iňlis diliniň ˝standart˝ sözünden gelip çykýar we ˝norma, kada˝, ˝nusga˝ ýa-da ˝ölçeg˝ diýen ýaly manylary berýär. ˝Norma˝ sözi bolsa, latyn dilinde ˝başlangyç gollanma˝ diýmegi aňladýar. Diýmek, haýsy hem bolsa maddy önümiň asyl nusgasy, onuň beýany, ýerine ýetrilýän işiň (prosesiň) düzgüni, tertibi we kadalary standart bolup hyzmat edýär. Standartlar bulardan başga-da, fiziki ululyklaryň birlikleri, etalonlar (nusgalar), ýazgy üsti bilen aňlatmalar görnüşinde hem bolup bilýärler. Syn eden bolsaňyz, siziň depderleriňiziň, hasaplaýjy serişdeleriňiziň ýüzünde, elektrik çyralaryňyzyň düýbünde, kir ýuwujy poroşoklaryň, çaý gutularynyň ýüzünde ˝GOST˝, ˝TDS˝ ýaly belgiler bardyr. Bu standartlaryň belgileri. Umuman aýdanymyzda, standarta gaýtalanyp köp mukdarda öndürilýän şol bir önümiň, yzygiderli ýerine ýetirilýän işleriň, prosesleriň, berjaý edilmeli talaplaryň, kadalaryň beýannamasy hökmünde garamak bolar. Standart ölçeg birligi, konstanta, himiki maddalaryň nusgasy, olaryň beýany, normalar, düzgünler, talaplar, adalgalar, signallar we başga görnüşlerde bolup bilýär. Standartlaşdyryş biziň durmuşymyzyň ähli ugurlaryna çuň aralaşýar. Ýaşaýşymyzyň amatly we howpsuz bolmagyny üpjün edýär.

“Sertifikasiýa” dersi “Standartlaşdyrmak we sertifikatlaşdyrmak” hünäri boýunça esasy dersleriň biri bolup duryar. Bu dersiň esasy maksady sertifikasiýa ugrunda önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) önümçiligiň we hil ulgamyň düzgün-tertibini, degişli resminamalary, kanunalaýyklygyny talyplara

öwretmek. Ders boýunça umumy we amaly sapaklary geçirmegi göz öňünde tutmaly.

Gazanylan ykdysady netijeler, durky täzelenen we köp sanly täze gurulan dünýä derejesindäki senagat kärhanalary Türkmenistanyň ösen ýurtlaryň hataryna goşulmagyna giň ýol açdy. Türkmenistanyň dünýä ykdysadyýetine batyrgaý aralaşmagyny üpjün etmek we halkara söwdasyndaky tehniki päsgelçilikleri aradan aýyrmak maksady bilen ″Türkmenstandartlary″ Baş döwlet gullugy döredildi.

Häzirki durmuşyň talaplaryna görä, standartlaşdyrmak baradaky maglumatlar has giňeldilip, diňe tehniki ugurlar bilen çäklenmän, hemme taraplaýyn tehnologik, söwda we ykdysady, saglygy goraýyş, harby, hukuk goraýjy ugurlara hem ýaýradylmagynyň zerurlygy doly üpjün edildi.

## Sertifikatlaşdyrmagyň maksatlary:

✓ Türkmenistanyň bir bitewülik haryt bazarynda kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň we telekeçileriň iş alyp barmagy üçin, şeýle hem halkara ykdysady, ylmy-tehniki hyzmatdaşlyga hem-de halkara söwdasyna gatnaşmak üçin şert döretmek
✓ alyjylaryň önümi saýlap almagyna ýardam etmek
✓ alyjylary betniýet taýýarlaýjylardan goramak
✓ önümiň daşky gurşaw üçin , adamlaryň jany, saglygy hem emlägi üçin howpsyzlygyna gözegçilik etmek
✓ önümiň hil görkezijileriniň taýýarlaýjynyň zaýawka berişini laýyk gelýänligini tassyklamak

Sertifikatlaşdyrmak – önümiň ýa-da hyzmatyň standartyň talaplaryny laýyklygyny abraýly we adalatly edaranyň rasminamasy bilen kepillendirilýär. Türkmenistanyň we dünýäniň ähli ýerleriniň tejribesinde sertifikatlaşdyrmagyň aşakdaky üç görnüşi ýygy-ýygydan ulanylýar:

- önümiň tapgyrlarynyň sertifikatlaşdyrylyşy – arza beriji sertifikatlaşdyrmak boýunça edara ýüz tutýar we önümiň görkezilen mukdaryna sertifikat alýar;
- önümçiligi ýa-da hyzmatlary sertifikatlaşdyrmak
- kärhananyň arzasy boýunça onuň standarta laýyk gelýän durnukly önüm öndürmek mümkinçiligini we taýyn önüme synaglaryň netijesinde laýyklyk belgisini ulanmaga mümkinçilik berýär (önümiň tapgyrlaýyn sertifikatlaşdyrylmasy aradan aýrylýar);
- hil ulgamynyň sertifikatlaşdyrylyşy – ähli tilsimat alamatlary we taýyn önümiň barlagyny öz içine alýan kärhananyň hil ulgamynyň standartynyň talaplaryna laýyklygy, şeýle hem öz-özüni kämilleşdirmek we ulgamyň ösüş mümkinçiligi barlananda önüme laýyklyk belgisini ulanmaga ýol berýär.

## Sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet ulgamy

Döwlet sertifikasiýa ulgamy sertifikasiýasynyň esasy düzgünlerini we kadalaryny, ulgamyň prinsiplerini we gurluşyny (strukturasyny) sertifikasiýa baradaky edaralara laboratoriýalara (merkezlere) bildirilýän talaplary hem-de olary attestatlaşdyryşdan geçirmegiň şol edaralary, laboratoriýalary bellemegiň (akkreditirlemegiň) tertibini, önümçilikleri, sertifikasiýalanýan önümi attestatlaşdyryşdan geçirmegiň, şol edaralary, laboratoriýalarybellemegiň (akkreditirlemegiň) tertibini, önümçilikleri, sertifikasiýalanýan önümi attestatlaşdyrmak metodikasyny, sertifikasiýalanan önüme hem-de sertifikasiýa baradaky bellenen (akkreditirlenen) edaralaryň, laboratoriýalaryň (merkezleriň) işine inspeksion gözegçiligi, sertifikatlaşdyryşyň maksatlaryny durmuşa geçirmek üçin zerur bolan beýleki kadalary hem talaplary belleýär.

Döwlet sertifikasiýa ulgamynyň guramaçylyk taýdan gurluşy. Döwlet sertifikasiýa ulgamynyň guramaçylyk taýdan gurluşy:

- önümiň we hyzmatlaryň sertifikasiýasy baradaky döwlet edarasyndan; - önümiň we hyzmatlaryň sertifikasiýasy baradaky ýerlerdäki edaralardan; - synag laboratoriýasyndan (merkezlerinden) ybaratdyr.

Sertifikasiýa barasyndaky gatnaşyklar kanun bilen hem-de Türkmenistanyň şoňa laýyklykda çykarylýan kanunçylyk aktlary bilen düzgünleşdirilýär. Her bir edara, her bir kärhana we aýry-aýry adamlar öz harytlarynyň we hyzmatlarynyň diňe bir öz ýurdynda däl-de, eýsem dünýä bazarlarynda geçginli bolmagyny isleýär. Onuň üçin bolsa harytlaryň we hyzmatlaryň, prosesleriň diňe öz ýurdynda geçirilen sertifikatlaşdyryş işleriniň netijeli bolmagy bilen çäklenmän, eýsem ulgam boýunça geçirilýän sertifikatlaşdyryş

işleriniň daşary ýurtlarda hem ykrar edilmegini gazanmak gerek bolýar. Sertifikatlaryň we laýyklyk nyşanlaryň daşary ýurtlarda ykrar edilmegini gazanmak üçin bolsa, olary düzmek işlerini hereket edýän halkara kadalaryna we düzgünlerine doly laýyklykda alnyp barylmaly. Önümiň sertifikasiýasy baradaky döwlet edarasy ähli eýeçilik görnüşine degişli kärhanalary barlaýar hem-de onuň önüm işlenilip taýýarlananda, öndürilende, bejerilende, daşalanda, saklananda we ulanylanda standartlaryň we talaplaryň hem-de tehniki şertleriň we sertifikasiýanyň şertleriniň bozulmagyna ýol berlenligi üçin, aşakdakylara haky bardyr:

-düzgün bozmalary düzetmek hakynda görkezme bermäge;

-düzümindäki himiki we beýleki zyýanly maddalar bellenen normadan birnäçe esse artyk bolan önümi almaga we ýok etmäge;

-düzgün bozmaga gaýtadan ýol beriläýse, önümçiligi, önümiň ýerlenilmegini, ulanylmagyny togtatmaga, laýyklyk sertifikatyny bermezlige ýa-da onuň hereketiniň güýjüni hem-de Laýyklyk nyşanyny ulanmak hukugyny ýatyrmaga;

Anyk önümiň sertifikasiýa baradaky işiň hakyny ygtyýarly edilen edara tarapyndan bellenen tertipde zaýawka beriji töleýär. Öz önümini hökmany sertifikasiýalamagy geçirmek üçin zaýawka berijiniň harç eden serişdeleriniň möçberi şol önümiň durýan gymmatyna girizilýär.

Jenaýat administratiw ýa-da raýat hukuk jogapkärçiligi ýuridiki we fiziki taraplar, şeýle hem döwlet dolandyryş edaralary önümiň we hyzmatlaryň sertifikasiýasy hakyndaky kanunlary bozanlygy üçin kanunda bellenilen düzgün-nyzam, maddy, administratiw ýa-da jenaýat jogapkärçiligini çekýärler.

Önümiň we hyzmatlaryň sertifikasiýasy barasyndaky jedellere Türkmenistanyň kanunlarynda bellenen tertipde kazyýetler seredýärler. Türkmenistanyň gümrük

serhedinden geçýän önümleriň ähli görnüşleri sertifikasiýalaşdyrylmaga degişlidir. Önümler Döwlet sertifikatlaşdyryş ulgamynda bellenilen tertip boýunça, getirilýän önümiň Türkmenistanda hereket edýän kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyklygyny anyklamak bilen ýad-a önümiň görkezilen talaplara laýyklygyny tassyklaýan we şol harytlara daşary ýurtda berlen sertifikatlary we beýleki resminamalary ykrar etmek arkaly sertifikatlaşdyrylýar.

Biziň ýurdymyzda Türkmenistanyň Prezidenti 1993-njı ýylyň Gurbansoltan aýynyň 8-ki Karary bilen "Döwlet sertifikatlaşdyryş ulgamy. Esasy düzgünler" tassyklandy we güýje girizildi. Sertifikatlaşdyryş ulgamy özbaşdak tärleri, düzgünleri we laýyklyk sertifikadyny bermek üçin ugurlary bolan ulgamdyr. Sertifikatlaşdyryş ulgamynyň esasy maksatlary we ýörelgeleri alyjylaryň jan saglyklary, şeýle hem daşky gurşaw üçin howply bolmagy mümkin bolan, ýaramaz hilli harytlary almakdan saklamakdan, önümleri daşary ýurda çykarmaga we bäsdeşlik ukybyny ýokarlandyrmaga täsır etmekden ybaratdyr. Hut şu nukdaý-nazardan hem Sertifikatlaşdyryş ulgamynda gyzyklanýan kärhanalaryň we aýry-aýry adamlaryň ulgamdaky alnyp barylýan işler, şol sanda akkreditirleýiş we sertifikatlaşdyryş işiniň netijeleri hakyndaky habarlary erkin we aňsat almaklary göz öňünde tutulýar. Şol bir wagtyň özünde hem, olaryň täjirçilik syryny düzýär, habarlarynyň ýaşyrylmgyny. Eger-de ulgamda sertifikatlaşdyryş işine akkredetirlenen birnäçe edara bar bolsa talapnama beriji bu edaralaryň islegi boýunça sertifikatlaşdyryş işlerini geçirip biler. Sertifikasiýa- munuň özi önümiň bellenilen talaplara laýyk gelýändigini subut etmek-tassyklamak barada geçirilýän işdir. Sertifikasiýa aşakdaky makatlar üçin amala aşyrylýar:

- Türkmenistanyň bir bütewi haryt bazarynda kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň we telekeçileriň iş alyp barmagy üçin, şeýle hem halkara, ykdysady, ylmy-tehniki hyzmatdaşlyga hem-de halkara söwdasyna gatnaşmak üçin şert döretmek;

- alyjylaryň önümi akylly-başly saýlap almagyna ýardam etmek;

- alyjynyň betniýet taýýarlaýjydan (satyjydan, ýerine ýetirijiden) goramak;

- önümiň töwerekdäki sreda üçin, adamlaryň jany we saglygy hem-de emlägi üçin howpsuzlygyna gözegçilik etmek;

- önümiň hil görkezijileriniň taýýarlaýjynyň zaýawka berşine laýyk gelýändigini tassyklamak. Sertifikasiýa baradaky edara:

önümi sertifikasiýalaýar we sertifikat berýär

- öz beren sertifikadyny ýatyrýar
- zaýawka berijiniň talap etmegine görä, oňa zerur maglumatlary berýär

Türkmenistanyň territoriýasynda ýerleşýän taýýarlaýjylar we satyjylar aşakdakylara borçlanýar:

- önümi diňe ykrar edilen sertifikat bilen ýerlemäge
- kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýýk getirmek üçin sertifikasiýalanan önüm ýerlenende şol önümiň şol kadalaşdyrylan resminamalarynyň talaplaryna laýyk gelmegini üpjün etmäge
- sertifikasiýalanan önümiň resminamalaryna ýa-da öndürmegiň tılsimat prosesine girizilen üýtgeşmeler hakynda bellenen tertipde sertifikasiýa barada edara mälim etmäge.

Önümiň sertifikasiýasy baradaky döwlet edarasy ähli eýeçilik görnüşine degişli kärhanalary barlaýar hem-de onuň önüm işlenip taýýarlananda, öndürlende, bejerlende, daşalanda, saklananda we ulanylanda standartlaryň we talaplaryň hem-de

tehniki şertleriň we sertifikasiýanyň şertleriniň bozulmagyna ýol berilendigi üçin, aşakdakylara haky bardyr:

- düzgün bozulmalary düzetmek hakynda görkezme bermäge;
- düzümindäki himiki we beýleki zyýanly maddalar bellenen normadan birnäçe esse artyk bolan önümi almaga we ýok etmäge;
- düzgün bozma gaýtadan ýol beriläýse, önümçiligi, önümiň ýerlenilmegini, ulanylmagyny togtatmaga, laýyklyk sertifikatyny bermezlige ýa-da onuň hereketiniň güýjüni hem-de laýyklyk nyşanyny ulanmak hukugy ýatyrmaga;

Düzgünler “Önümleri we hyzmatlary sertifikatlaşdyrmak hakynda”, “Alyjylaryň hukgyny goramak hakynda” Türkmenistanyň kanunlaryny ýerine ýetirmek, TDS 1.2.01-93 “Döwlet sertifikatlaşdyrmak ulgamy” Önümleri sertifikatlaşdyrmagyň tertibi. Umumy talaplary ödemek maksady bilen işlenip düzüldi hemde Türkmenistanyň çüginde daşyna çykarylýan önümleri hökmany sertifikatlaşdyrmagyň tertibi ýerine ýetirilýär. Düzgünler eýeçiliginiň we işiniň görnüşine garamazdan Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän kärhanalara we guramalara, şeýlede telekeçilik işi bilen meşgul bolýan raýatlara degişlidir.

Daşyna çykarylýan önümleriň käbir görnüşleri üçin, öndürmegiň aýratynlyklaryny we hili barlamagyň aýratynlygyny nazarda tutup, şu düzgünlere we TDS 1.2.01-93 garşy gelmeýän, birmeňzeş önümlere sertifikatlaşdyrmagyň tertibini işläp düzmek bolýar.

Sertifikatlaşdyryş synaglaryny geçirmek, sertifikatlary bermek we hasaba almak boýunça işleri guramaklyk “Türkmenstandartlary” Baş döwlet gullugyna tabşyryldy. Önüme (işlere,hyzmatlara) sertifikatlaşdyryş geçirilip, sertifikatlaşdyryş boýunça edara oňlaýjy karar çykaran

ýagdaýynda arza berijä önümi we hyzmatlary sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet edarasy tarapyndan bellenen tertipde önümi Laýyklyk belgisi bilen belliklemäge hukuk berýän Laýyklyk sertifikaty berilýär. Önümiň laýyklyk belgisi bilen bellenilmesi:

- önüme geçirilen şekillendirmäni, gaby (gaplamany); ugradyjy tehniki dokumenti
- önüm - laýyklyk belgisiniň şekillendirmesini göterijisidir)

Öndürilýän önüme kanun tarapyndan bellenilen talaplaryň ählisine laýyk gelýänligi barada döwledimiziň kepili hökmünde TDS milli laýyklyk belgisini geçirmäge hukuk berilýär. Onlukda milli laýyklyk belgisiniň ölçeglerini taýýarlaýjy we sertifikatlaşdyrylan önümi (hyzmatlary) üpjin ediji, şeýle hem sertifikatlaşdyrylan önümçiligi ulanýan kärhana we edara ýolbaşçylarynyň saýlap alýanlygyny bellemek zerur. Laýyklyk setifikadynyň herekedi togtadylanda Milli laýyklyk belgisini belliklemäge ýol berilmeýär.

Sertifikatladyryş işlerine gatnaşýanlaryň her biri bu iş üçin bellenen teritpde jogapkärçiligi çekýär. Munda önümi taýýarlajy öz önümini sertifikatlaşdyrýan halatynda laýyklyk nyşanynyň dogry ulanylyşyny,satyjy öz satýan harydynyň sertifikatly we laýyklyk nyşanly bolmagyny, synag barlaghanasy synagda alynan netijeleirň ynamdar adatly bolmagy, sertifikatlaşdyryş edara bolsa, laýyklyk sertifikadynyň dogry berilmegi üçin aladalanýar.

Ulgamda sertifikatlaşdyryş işleri döwletara, döwlet standartlaryna we beýleki kadalaşdyryjy resminamalara, şol sanda Türkmenistanda bellenen tertipde herekede girizilen halkara we beýleki ýurtlaryň milli standartlaryna laýyklykda alnyp barylýar. Sertifikatlaşdyryş baradaky edaralar, synag barlagnamalar we ekspert-auditorlar ( şol sanda daşary ýurlaryňky hem) akkreditirleýiş attestady

bilen kesgitlenilýär. Olaryň işine inspektorçylyk gözegçiligi “Türkmenstandartlary” Baş döwlet gullugy alyp barýar. Eger-de, akkreditirleýiş, attestasiýalaşdyryş we sertifikatlaşdyryş işleriniň netijeleri bilen bagly haýsydyr bir näsazlyklar ýüze çyksa, olara “Türkmenstandartlary” Baş döwlet gullugy tarapyndan sertifikatlaşdyryş baradaky edaralaryň, alyjylyr jemgiýetleriniň wekillerini çekmek bilen döredilen attestasiýalaşdyryş topar seredýär.

## Sertifikasiýa ulgamyna gatnaşýanlaryň hukuklary we borçlary

Önümiň sertifikasiýasy baradaky döwlet edarasy ähli eýeçilik görnüşine degişli kärhanalary barlaýar hem – de onuň önüm işlenip taýýarlananda, öndürilende, bejerilende, daşalanda, saklananda we ulanylanda standartlaryň we talaplaryň hem – de tehniki şertleriň we sertifikasiýa şertleriniň bozulmagyna ýol berlenligi üçin, aşakdakylara haky bardyr:

- düzgüni bozmalary düzetmek hakynda görkezme bermäge;
- düzümindäki himiki we beýleki zyýanly maddalar bellenen kadalarda birnäçe esse artyk bolan önümi almaga we ýok etmäge;
- düzgün bozma gaýtadan ýol berilse, önümçiligi, önümiň ýerlenilmegini, ulanylmagyny togtatmaga laýyklyk sertifikatyny bermezlige ýa – da onuň hereketiniň güýjüni hem – de laýyklyk belgisini ulanmak hukugyny ýatyrmaga;
- jerime salmaga, ykdysady temmi bermäge;
- sertifikasiýa edaralaryň we synag laboratoriýalaryny akkreditirlemek hem – de olara işleriň belli bir görnüşini geçirmek üçin lisenziýa bermäge;
- sertifikasiýa gatnaşyklarynyň we obýektleriniň döwlet reýestrini döretmäge;

- daşary ýurt sertifikatlaryny ykrar etmek kadasyny bellemäge;
- sertifikat edaralaryny, synag laboratoriýalaryny akkreditirlemek hem – de sertifikasiýa boýunça iş geçirmek üçin lisenziýa bermek kadalaryny bellemäge;
- sertifikasiýa kadalarynyň berjaý edilişine döwlet gözegçiligini etmäge;
Önümiň sertifikasiýasy baradaky döwlet edarasy aşakdakylara borçludyr:
- Türkmenistanyň kanunlaryny, kärhanalaryň we raýatlaryň hukuklaryny berjaý etmäge;
- standartlary we beýleki kadalaşdyryjy resminamalaryň, talaplaryny kärhanalaryň we raýatlaryň berjaý edişine döwlet gözegçiliginiň netijeli ýerine ýetirilmegini üpjün etmäge.

**Türkmenistanda sertifikasiýa işleriniň geçirilýän ugurlary**

Öndürijiniň we sarp edijiniň aragatnaşyklarynyň nukdaýnazaryndan sertifikatlaşygyň ideýasy öndürijiniň önüminiň hiliniň ýokarlanmagynda iň bolmanda ulanylýan standartyň talaplaryna çenli, sarp edijini bolsastandartyň talaplaryna laýyk gelmeýän önüm bilen üpjün etmekde goramaga mümkinçilik berýänligi şundan gelip çykýar.

Sertifikatlaşdyryş sistemasy özbaşdak tärleri, düzgünleri we laýyklyk sertifikatyny bermek üçin ugurlary bolan ulgamdyr. Sertifikatlaşdyryş ulgamy näme üçin gerek? Her bir edara, her bir kärhana we aýry-aýry adamlar öz harytlarynyň we hyzmatlarynyň diňe bir öz ýurdunda däl-de, eýsem dünýä bazarlarynda geçginli bolmagyny isleýär. Munuň üçin bolsa, harytlaryň we hyzmatlaryň, prosessleriň diňe bir öz ýurduňda geçirilen sertifikatlaşdyryş işleriniň netijeli bolmagy bilen çäklenmän, eýsem ulgam boýunça geçirilýän sertifikatlaşdyryş işleriniň daşary ýurtlarda hem ykrar

edilmegini gazanmak gerek bolýar. Sertifikatlaryň we laýyklyk nyşanlarynyň daşary ýurtlarda ykrar edilmegini gazanmak üçin bolsa, olary düzmek işlerini hereket edýän halkara normalaryna we düzgünlerine doly laýyklykda alyp barmalydyr.

Sertifikatlaşdyrmak- bu netijede önümiň ýa-da standartyň talaplaryna laýyklygyy abraýly we adalatly edaralaryň dokument bilen kepillendirýän işi.

Türkmenistanyň we dünýäniň ähli ýerleriniň tejribesinde sertifikatlaşdyrmagyň aşakdaky üç görnüşi ýygy-ýygydan ulanylýar:

**1** Önümleriň tapgyrlarynyň sertifikatlaşdyrmak
**2.** Önümçiligi ýa-da hyzmatlary sertifikatlaşdyrmak
**3.** Hil ulgamyny sertifikatlaşdyrmak

Döwletara söwda ykdysady gatnaşyklaryň nukdaýnazarynda bolup durýan önümi sertifikatlaşdyrmagyň esasy artykmaçlyklary şulardan ybarat:

1. Sertifikatlaşdyryş başga ýurtlara ugradylýan önümiň hiline ynam gazanmakda möhüm esbap bolup durýar.
2. Sertifikatlaşdyrmak hiliniň talap edýän derejesine laýyk gelmeýän önümleriň getirmesini aradan aýyrýar.
3. Sertifikatlaşdyrmak tehniki öňe gidijiligi tizleşdirýär.
4. Watanda öndürilýän önümleriň sertifikatlaşdyrylmagy şuňa meňzeş önümleriň importyny peseldýär.
5. Sertifikatlaşdyryş sarp ediji tarapyndan önümiň saýlanmasyny ýönekeýleşdirýär.
6. Sertifikatlaşdyryş taýýarlaýjynyň sertifikatlaşdyrylmadyk önümi tabşyryjylar bilen bäsleşikden goramak bilen reklama esasynda bazar satuwyny üpjün edýär.

7. Sertifikatlaşdyryş olarda könelişen düzgünleri ýüze çykarmak ýyly bilen standartlaryň "hilini" gowulandyrýar we şu standartlaryň gaýtadan işlenilşine höwes döredýär.

Biziň ýurdumyzda Türkmenistanyň Prezidentiniň 08.04.1993ý. karary bilen "Döwlet sertifikatlaşdyryş ulgamy. Esasy düzgünler" tassyklanyldy we güýje girizildi. Şol düzgünnama esasynda hem, Türkmenistanyň Baş Döwlet Gullugy tarapyndan 17-den gowrak standart (TDS), gollanma dokumentler (GD), instruksiýalar we şuňa meňzeşler işlenip taýýarlanyldy we tassyklanyldy. Sertifikatlaşdyryş ulgamynyň esasy maksatlary we ýörelgeleri alyjylaryň janlary saglyklary şeýle hem töwerekdäki gurşaw üçin, howply bolmagy mümkin bolan ýaramaz hilli harytlary almakdan saklamakdan, önmüleri eksport etmäge we bäsleşik ukyplylygyny ýokarlandyrmaga täsir etmekden ybaratdyr. Hut şu nukdaönazardan hem sertifikatlaşdyrmak ulgamynda gyzyklanýan kärhanalaryň we aýry-aýry adamlaryň ulgamdaky alnyp barylýan işler, şeýle hem akkreditirleýiş we sertifikatlaşdyryş işiniň netijeleri hakyndaky habarlary erkin we aňsat almaklary göz öňünde tutulýar. Şol bir wagtyň ýzünde hem olaryň kommersiýa syryny düzýän habarlarynyň ýaşyrynlegy üpjün edilýär. Eger-de ulgamda sertifikatlaşdyryş işine akkreditirlenen birnäçe organ bar bolsa, zaýawka beriji bu organlaryň islendiginde sertifikatlaşdyryş işini geçirip biler. Sertifikatlaşdyryş işine gatnaşýanlaryň her biri bu iş üçin bellenen tertipde jogapkärçilik çekýär. Munda önüm taýýarlaýjy öz önüminiň sertifikatlaşdyrylýan halatynda laýyklyk nyşanynyň dogry ulanylşyny, satyjy öz satýan harydynyň sertifikatly we laýyklyk nyşanly bolmagy, synag laboratoriýasy synagdanalnan netijeleriň ynamdar we obýektiw bolmagy, sertifikatlaşdyryş baradaky organ bolsa, laýyklyk sertifikatynyň dogry berilmegi üçin aladalanýar.

Ulgamda sertifikatlaşdyryş işleri döwletara döwlet standartlaryna we beýleki kadalaşdyryjy resminamalara, şol sanda Türkmenistanda bellenilen tertipde herekete girizilen halkara we beýleki ýurtlaryň milli standartlaryna laýyklykda alnyp barylýar. Sertifikatlaşdyryş baradaky organlar, synag laboratoriýalary we ekspert auditorlar akkreditirleýiş attestaty bilen kepillendirilýär. Olaryň işine inspektorlyk kontrollygyny Türkmenistanyň Baş Döwlet Gullugy alyp barýar. Eger-de akkreditirleýiş attestatlaşdyryş ýa-da sertifikatlaşdyryş işleriniň netijeleri bilen bagly haýsydyr bir närazylyklar meseleler ýüze çyksa, olara Türkmenistanyň Baş Döwlet Gullugy tarapyndan sertifikatlaşdyryş baradaky organlaryň, alyjylar jemgyýetleriniň wekillerini çekmek bilen döredilenattestatlaşdyryş komisiýasy seredýär. Elbetde, her bir adama gönüden-göni degişli uly bir ulgam baradaky gürrüň şunuň bilen gutarmaýar. Ýöne aýdylyp geçilenlerden çen tutan her bir adam bu ulgam boýunça alnyp barylýan işleriň özi bilen, öz bähbidi bilen gönüden-göni baglanyşyklydygyna göz ýetirýär.

Ekologiki talaplaryň we gurşap alýan töweregiň ulgamlarynyň sertifikatlaşdyrylyşyna ISO 14000 standartlaryna laýyklygyny ornaşdyrmaga Ýewropa bileleşiginiň ýurtlary, ABŞ we Ýaponiýa aktiw girişdiler. Häzir Şweýsariýanyň we Germaniýanyň iri banklary taslamanyň ekologiki maksada laýyklygynyň subutnamasy bolmasa, kredit bermeýärler. Şweýsariýanyň SŽS firmasy golaýda gurşap alýan töweregi goramagyň ulgamlaryny sertifikatlaşdyrmagyň ekologiki netijeliligine Fransiýada, Germaniýada, Niderlanbdiýada we Beşik Britaniýada degişli kompaniýalaryň 500-den gowragyndan sorag geçirdi. Firmalaryň 80% gowragy şular ýaly sertifikat almagy peşdaly netije hasap edýärler, 60% bir ýylda özleriniň maýa goýumlkaryny ödediler, 80% golaýy bolsa girdeýjini uzak möhletli esasda alynjakdygyna ynam

bildirýändikleri mälim boldy.

Ýurdumyz bazar ykdysadyýetli dünýä bileleşigine girmekçi bolsa, olaryň ýeketäk kadalaryny we düzgünlerini birkemsiz berjaý etmegini talap etmelidir, şol sanda hem ekologiki oriýentirlenen dolandyryş usullary ulanmalydyr. Ynha indi birinji türkmen kärhanasy öz hil ulgamynyň ISO14000 halkara standartyna tassyklanma sertifikatyny alandygy barada şatlykly habar gelip gowuşdy.

“Türkmenbaşy jins kompleksi” (“Gap-Türkmen” AJ)- hil ulgamyna halkara meşgurlyga eýe bolan SŽS (Şweýsariýa/Beýik Britaniýa) garaşsyz ýöriteleşdirilen kompaniýadan ISO 9001, 9002 we 14000 tassyklamaga sertifikatlaryny alan GDA döwletleriniň çäklerindäki ilkinji kärhanadyr.

Kompleksleriň gysgaça taryhy şeýleräk: jins matasyny öndürýän dokma fabriginiň fundamenti 1993-nji ýylyň aprelinde guýuldy. 1995-nji ýylyň awgust aýynyň 18-ne dabaraly ýagdaýda açyldy. 1996-njy ýylyň iýun aýynyň 21-ne “Gap-Türkmen” Aksioner jemgyýetiniň düzümine Ýewropanyň Rekonstruirleme we Ösüş Banky girdi, şondan soň 1997-nji ýylyň oktýabr aýynyň 25-ne dabaraly açylyş geçirilen dokma fabriginiň bazasynda iki täze gurluşyk-Kompleksiň egriji we tikin fabrikleriniň gurluşygy başlandy.

“Türkmenbaşy jins kompleksi”- bu, aksiýalarynyň 50% Türkmenistanyň dokma senagat ministrligine, 30%- “Çalyk-Holding” (Türkiýe) düzümine girýän “Gaplplik-AŞ” firmasyna we 20% -Ýewropanyň Rekonstruirleme we Ösüş Bankyna degişli bolan Aksioner jemgyýetdir. “Türkmenbaşy jins kompleksi”-bu aksioneri we kriditory Ýewropanyň Rekonstruirleme we Ösüş Banky bolup durýan Türkmenistandaky ilkinji kärhana. Kompleks egirme, dokma we tikin fabriklerden ybaratdyr, Watanda öndürilýän önüm bolan-türkmen pagtasyny işleýär; 173 müň $m^2$ meýdanda

ýerleşýär, olardan 52 müň $m^2$-bina we ýapyk jaýlar tutýar. Kompleksiň öndürijiligi ýylda ýüplügiň 8.6 müň tonna, jins matanyň 12 mln uzynlyk metr we taýyn tikin önümleriniň 4.5 mln uzynlyk metri çykarmakdyr. 1.8 müň ýokary kwalifisirlenen personalyň işi, şeýle hem önümçilik prossesinde ulanylýan ýokary tehnologiýalar halkara standartlaryna laýyk gelýän ýokary hilli önümiň öndürilmesini üpjün edýär. Şu Kompleksiň strategiki maksady maksimal gysga möhletde dünýä bazarynda ýüplük, jins matasyny we jins önümlerini öndürýän kärhanalaryň arasynda mynasyp orun eýelemekden ybaratdyr. Häzirki wagtda Kompleksiň önümi dünýä ýurtlarynyň köpüsine, şol sanda ABŞ, Türkiýe respublikasyna, Eýran Yslam respublikasyna, Russiýa Federasiýasyna we başgalara ugradylýar.

Ýurdumyzda haryt öndürijler we täjirler tehniki dünýäsini standartlaşmaga, sertifikatlaşdyrmaga, menejmente degişli täze döreýän maglumatlaryň ählisine üns bermelidir. Halkara standartlar ISO 9001-2002 wersiýasy hem “Türkmenstandartlary” BDG-nyň maglumat merkezine gelip gowuşdy we önümçilikde özleşdirmek boýunça işe başlamak üçin olary alyp bolar. ISO-nyň wezipeli wekiliniň tehniki komitetiniň karary boýunça ýurtlardaky senagat pudaklaryna täze wersiýany öwrenmek we täze talaplary özleşdirmek üçin ýene 3 ýyl berilýär we onuň dowamynda ISO 9000 öňki wersiýaly standartlar boýunça berlen sertifikatlar güýjüni ýitirmeýär.

Geňeşiň we TMB-nyň saýlanan agzalary bolan wagtynda, agzalar guramanyň ähli agzalarynyň bähbitleri ugrunda hereket etmäge borçludyr. ISO-nyň Tehniki komitetiniň (TC) we Sekretariatlaryň TC/SC işine degişli meselelerinde, TMB kararlaryny göz öňünde tutmaga agzalar borçludyrlar. Guramanyň syýasy we strategiki meýilleşdirilişine degişli meseleler boýunça, şeýle hem maliýe

we kommersiýa meselelerinde ISO-nyň agzalary Geňeşiň kararlaryny göz öňünde tutmaga borçludyrlar. Netijede ISO-nyň standarty ýa-da ISO-nyň beýleki normatiw resminamasy boljak, standartlaşdyryşyň ösüşi boýunça islendik işe gatnaşmaga ISO-nyň agzalarynyň hukulary bardyr. Şeýle hem belli bir wagtyň dowamynda Geňeşiň garamagyna appelýasiýa bermäge olaryň hukulary bardyr, tehniki komitetiň ýa-da TMB-nyň hereketlerine ýa-da hereket etmeýänligine garşy.

ISO-nyň işi üçin, onda gatnaşmagy karar eden agzalar, ISO-nyň we TMB tarapyndan bellenilen beýleki tehniki edaralaryň garamagy üçin, olaryň milli delegasiýasy tarapyndan hödürlenen ýurduň milli bähbitleriniň balansyny görkezmek üçin milli pozisiýany işläp çykarýan olaryň milli zerurlyklaryna we mümkinçiliklerine laýyklykda milli konsultasiýanyň gurluşyny guramalydyrlar. Standartlary işläp düzmek boýunça ISO-nyň işine gatnaşylanda ISO-nyň agzalary TMB tarapyndan bellenilen proseduranyň düzgünlerinden ugur almaga borçludyrlar. Bu düzgünler dürli ýagdaýlarda dürli-dürli bolup biler we normatiw ylalaşyklaryň we spesifiki standartlaryň görnüşlerine bagly bolýar. ISO-nyň agzalary düzgünlere we proseduralara laýyklykda ISO-nyň islendik kadalaşdyryjy neşirleri boýunça, belli bir wagtyň dowamynda bellikler etmäge hukuklary bardyr. BMG-nyň 1972-nji ýylyň iýun aýynyň 16-daky Stokgolmda we 1992-nji ýylyň iýun aýynyň 14- daky Rio-de-Žaneýroda geçirilen konferensiýalary gurşap alýan sredany ösdürmek we goramak boýunça prinsipleriň 16-ny yglan etdiler. 1992-nji ýylda birinji milli “Ekologik dolandyrşyň ulgamlary” Britan standarty BS-7750 ýüze çykdy. Standartlaşdyrmak boýunça halkara gurama (ISO) gurşap alýan sredany ösdürmekligiň we goramaklygyň prinsipleriniň 16-ny yglan etdiler. Ekologiki talaplaryň we gurşap alýan töweregiň ulgamlarynyň sertifikasiýasyna ISO14000 seriýaly standartlaryna laýyklygyny ornaşdyrmaga

Ýewropa bileleşiginiň ýurtlary, ABŞ we Ýaponiýa aktiw göreşdiler.

## ISO 9000 we 14000 seriýaly sertifikatlaryna zerurlyk

Belli bolşy ýaly, öňdebaryjy günbatar döwletleri Ýewropa bileleşigine birleşýärler. Ilkinji nobatda olar, soňundan bolsa Amerika we Aziýa sebitleriniň döwletleri hem soňky wagtda ISO-nyň ideýalaryny täze hil derejelerine çykarýarlar. Bu bolsa köp ýurtlaryň sarp edijileriniň ünsi ilkinji nobatda ISO 900 we ISO 14000 sertifikatlaryna eýe bolan kärhanalaryň harytlaryna we hyzmatlaryna berilýändigini kesgitleýär. Şular ýaly tendensiýa gün-günden güýçlenýär. ISO-nyň görkezilen seriýalarynyň sertifikatlary bolmadyk önüm ýokary hilli bolsa hem, has ösen döwletleriň serhedini geçip bilmejekdigi daşda däl.

Eger Türkmenistanyň baglaşan halkara şertnamasynda bellenen kadalar Türkmenistanyň sertifikasiýa hakyndaky kanunlarynda görkezilen kadalardan başga hili bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar.

“Türkmenbaşy jins kompleksi” kärhananyň hil ulgamynyň ISO 9002 (1998ý.), soňundan ISO 9001 (1999ý.), şu wagt bolsa ISO 14001 halkara standartlaryna laýyklygyny dünýäniň ösen ýurtlarynyň ählisinde filiallary bar bolan Garaşsyz ýöriteleşdirilen (Şweýsariýa/Beýik Britaniýa) SŽS kompaniýanyň tasyklama sertifikatlaryna eýe bolan GDA-nyň ýer meýdanynda ilkinji kärhana bolup durýar.

## ISO 9000 we 14000 sertifikatyny almagyň artykmaçlygy

Hil we ekologiýa ulgamynyň ady agzalan modelleri:

- Has netijelilikli we has öndürijilikli hiliň ekologiki ulgamyny döretmek üçin ulanylýar;
- Hil ulgamynyň halkara ykrar edilen modelleri bolýar;
- Önümiň önümçiligi ýa-da hyzmatlar üçin ulanylýan hil ulgamynyň modeller müşderini hemişe kanagatlandyrýar, wagtynda we ilkinji gezekden;
- Önümiň başdeşlik ukybyny artdyrmagyň serişdesi bolýar;
- Marketingiň netijelikli serişdesi bolup durýar we müşderiniň arzuw islegi bolup biler;
- Satuwçy saýlananda kriteriýa hökmünde ulanylyp bilner.

## Sertifikatlaşdyryş ulgamlaryna taýýarlyk boýunça işleriň alnyp barlyşy

1997-nji ýylda kompleksiň ýolbaşçylary ISO 9000 we soňundan ISO 14000 halkara standartlarynyň bazasynda hil ulgamyny döretmek soňra olaryň sertifikatlaşdyrmagy barada karara geldi. Kärhananyň işiniň meselelerini we maksadyny beýan edýän aýdyň we açyk syýasat emele geldi.

ISO 9000 we soňundan ISO 14000 talaplaryna laýyk gelýän ulgamyň işlenip düzülme prosessi dünýä tejribesinde ulanylyp alnyp baryldy:Ilki ýörite ugrukdyrýan- ulgamyň resmi kagyzlaryny döretmek onuň sertifikatlaşdyrmaga taýýarlygy we soňundan kämilleşdirmek boýunça işleri guramak bölümi döredildi.

Öz önümini eksporta ugratmaga maksat edinen kärhana üçin diňe milli ulgamynda sertifikatlaşdyrma ýeterlikli däldigi halkara ykrar edilen abraýly ýöriteleşdirilen auditoryň tassyklama sertifikatynyň zerurlygy hem öz-özünden düşnükli.

Kompleksiň hünärmenleri dünýä meşgurlygyn eýe bolan Garaşsyz SŽS ýöriteleşdirilen kompaniýasyny

saýladylar.

Baş direktor tarapyndan hil ulgamynyň sertifikatlanmaga taýýarlyk boýunça işleriň umumy meýilnamasy bellenildi. Bu iş gaty çylşyrymly ýaly bolup görünmesede, öz önümini başga ýurtlarda satmak üçin zerur bolan daşary ýurt tassyklama sertifikatyny SŽS-den almak we milli ulgamynda hasaba durmak üçin bir ýyla golaý wagt gerek boldy.

Meýilnamanyň esasy etaplary: işçi toparlaryny döretmek; ýolbaşçynyň wekilini bellemek; ugrukdyryjy geňeşini döretmek; ulgamyň elementleri üçin ýokary ýolbaşçylardan jogapkärleri bellemk hil ulgamynyň sertifikatlanmaga taýýarlygy üçin jogapkärleri bellemek; kärhananyň hünärmenlerini okatmaklygy guramak ulgamyň dokumentlerini aktuallaşdyrmak.

Ilkinji ädim hakykatda ISO 9000 tematikasy boýunça ýolbaşçylary we personaly okatmagy guramak boldy. Okatmak gööniden göni önümçilik ýerinde we daşary ýurtda geçirildi. Işçileri, hünärmenleri we bölüm ýolbaşçylary taýýarlamagyň maksatnamalary işlenip düzüldi. Olara hil ulgamynyň esasy düzgünnamalary her anyk ýerde işiň hil bilen özara baglanşygy, şeýle hem bölümleriň we kärhananyň ykdysady görkezijileri öwredildi.

Taýýarlygyň ähli etaplarynda (ISO 9002, 9001 we 14000) okatmaklygyň meýilnamasy boýunça hiliň täze filosofiýasy bilen şol sanda, Demingiň prinsipleri ISO 9001 boýunça hil ulgamynyň elementleriniň 20-i, hil ulgamynyň dokumentlerini düzmegiň düzgünleri bilen işgärler tanyşdyryldy. Personal hil üçin madda we moral taýdan höwes döredýän çäreler bilen tanyşdyryldy, “bökdençli” ýagdaýlarda edilmeli hereketler barada okuw guraldy. Sertifikatlaşdyryş işlerde daşary ýurt we “Türkmenstandartlary” milli guramanyň maglumatlary ulanldy,

köp sanly okuw seminarlary geçirildi. Okuw geçirilenden soň hil ulgamynyň dokumentlerini gözden geçiriş döwri başlandy. Täze dokumentler ýeketäk nusga boýunça düzülen bolmalydyr we ujypły derejede öňkilerden tapawutly bolmalydyr diýlen karara gelindi. Wagt biderek geçirilmedi- önümçilik prosesslerinde ýüze çykan ähli mümkin bolan ýagdaýlar hasaba alyndy. Işiň indiki etaby köpçülikleýin boldy- dokumenti işläp düzüjileriň ählisi işe goşulyşdylar. Hil ulgamynyň dokumentleri bilen parallel bölümleriň içindäki, şeýle hem olaryň arasyndaky borçlary funksional bölüşdirilmegi kesgitleýän dokumentler dolulygyna gaýtadan işlendi. “Hil boýunça Gollanma” maglumat kitapçasyny taýýarlamak we kärhananyň ähli dokumentlerini düzmek işleri ýerine ýetirmegiň algoritmi we jogapkärçiligi köp wagty talap etdi. Olardan ähli funksiýalary durmuşa geçirmegiň we hil ugrunda işiň jogapkärçiliigini berkitmek maksady bilen bölümler barada düzgünnamalar we wezipe gollanmalar gaýtadan işlenip düzüldi. Dokument döredilende aşakdaky ýörelgeden ugur alyndy: her bölüm özi üçin dokumentini döredýär. Durmuş şu ýörelgäniň dogrydygyny we gyşarnyksyz dowam etdirmegiň zerurlygyny tassyklady: iki gezek dokumentleri döretmek degişli däl bölüme tabşyrylanda her gezek olar gaýtadan işlenmesi bilen tamamlandy. Hil ulgamynyň dokumentleri döredilenden soň derrew olaryň bölümlerde, işde ulanmagy başlandy. Olaryň ulanmaklygy kärhanada umumy hil ulgamyny ornaşdyrmagyň bir bölegi boldy.

Sertifikatlanmanyň indiki etaby ilkinji içerki barlagyň (auditiň) geçirilmesi boldy. Onuň maksady bölümlerde işlenip düzülen hil ulgamyny ornaşdyrmagyň bütewiligini we dogrulygyny barlamak boldy. Bölümlerde hil boýunça şu audit geçirilende ynanylan wekiller, hil ulgamynyň dokumentlerini düzüjiler tehniki işgärler gatnaşdylar. Audit ýeketäk

meýilnama boýunça geçirildi we hil dolandyryky bölümi tarapyndan ugrukdyryldy. Netijede dokumentler we olary ýerine ýetirmek boýunça birnäçe bellikler ýüze çykaryldy. Ähli deň gelmezlikler tiz wagtda aradan aýryldy.

Ýöriteleşdirilen SŽS kompaniýasy tarapyndan ilkinji audit geçirildi. Onuň netijeleri hil ulgamyny ISO 9000 standartlarynyň talaplarynyň derejesine çenli "tijendirmek" üçin näme etmelidigini görkezdi. Ýerine ýetirilşi barada ýolbaşçylaryň gatnaşmagynda "hil gününde" aýdylyp geçilen çäreleriň meýilnamasy düzüldi we gyssagly tertipde bitirildi. Soňundan kärhananyň hil ulgamynyň ISO 9002, 9001 we 14000 halkara standartlaryna (Şweýsariýa, Beýik Britaniýa) SŽS sertifikaty bilen tassyklanmasy boldy. Bir ýyldan soň şol görkezilen kompaniýa tarapyndan geçirilen synag auditi arkaýynlykda geçdi. Şol wagtyň içinde Kompleksiň hil ulgamynyň durmuşa ukyplydygy, dowam edýändigi we ösýändigi hakda berk ynam ýüze çykdy. Bu zatlar, sertifikta alma döwründäki auditden täze barlagda talaplaryň has berk bolandygyna garamazdan, SŽS auditorlary tarapyndan tassyklanyldy. Hemmeden öň, 7 ýyl mundan öň kompleksiň ösmegine kompleksleýin çemeleşmäni iş ýüzüne geçiren ýolbaşçylaryň garaýyş nukdaýnazary ýardam etdi. Satuw bazarynyň marketing gözlegi Kompleksiň işiniň esasy ugry bolup saýlandy, täze önümler we täze tehnologiýalar bilen meşgullanýan bölüm döredildi. Üpjün edijileri saýlamaklyga täzeçe çemeleşilip başlandy. Kärhanada bölümlere we aýry işgärlere baha bermek üçin ulanylýan hemme zady öz içine alýan çaklama hereket edip başlady. Biziň döwrümizde hil meselesi- islendik kärhana üçin durmuş we ösüş meseledir. Kompleks hil meselesinde we başga hem meselelerde gazanylanlar bilen çäklenmeýär:

- Milli Türkmenistan ulgamynda kompleksiň hil ulgamynyň sertifikatlaşdyrylmagy;

- Hiliň netijeliligini ýokarlandyrmak ugrundaky işleri geçirmek;
- Hil bilen bagly çykdaýjylary hasaba almagyň we analizirlemegiň usullaryny ornaşdyrmak;

Konkurslara, sergilere, konferensiýalara gatnaşmak

## Daşary ýurtlaryň standartlaşdyrmak baradaky kanunçylyk binýatlary

Döwlet edaralarynyň we önüm öndürijileriň hem-de hyzmatlaryň esasy subýektler tarapyndan bu işleriň ýerine ýetirilmegi standartlaşdyrmaga edilýän häzirki zaman çemeleşme bü gün jemgyýetiň durmuş-ýaşaýşynyň sosial-ykdysady sferalarynda durnuklandyryjy faktorlaryň üpjün edilmegi milli ykdysadyýetleriň bäsleşige ukyplylygyny artdyrmagyň serişdeleri hökmünde dünýä möçberinde söwda gatnaşyklarynyň ugury boýunça syýasatyň esasy böleginiň standartlaşdyrmak bolup durýandygyny kesgitleýär. Bu çemeleşmäniň manysy döwletiň jogapkärçiliginiň we öndürijileriň jogapkärçiliginiň bölünmeginden ybarat. Döwlet senagat önümi, saglygy we ilatyň saglygyny goramak ýaşalýan daşky gurşawy goramak, emlägi goramak ýaly howpsyzlyklary üçin global kategoriýalar hökmünde jogapkärçilik çekýär. Öndüriji hem öz gezeginde bäsleşige ukyply önümi öndürmek üçin jogapkärçiligi alýar. Milli derejede standartlaşdyrmak boýunça işleri hukuk taýdan dolandyrmagyň daşary ýurt tejribesi kadalaşdyryjy resminamalaryň aşakdaky görnüşleri boýunça alnyp barylýar:

- Standartlaşdyrmak hakynda kanun (Awstriýa, Belgiýa, Braziliýa, Hytaý, Ýaponiýa we beýlekiler);
- Standartlaşdyrmak boýunça milli guramasyny döretmek we hukuk derejesi hakyndaky kanun (Beýik Britaniýa, Italiýa, Kanada we beýlekiler);

- Hökümet we standartlaşdyrmak boýunça milli guramalaryň arasyndaky şertnama (Beýik Britaniýa, Germaniýa, Fransiýa);
- Saglygy goramak, tehniki howpsyzlyk daşky gurşawy goramak we gözegçilik etmek, alyjylaryň hukugyny goramak we milli standartlar işlenip düzülende öz kadalaşdyryjy resminamalarynyň anyklaşdyrylmagyny talap edýän sosial-ykdysady ugurlary dolandyrýan kanunlar (ähli ösen ýurtlarda).
- Russiýa Federasiýasynda bular ýaly kanunlaryň 20 golaýy,Ýaponiýada-50, ABŞ-da bolsa 150-si, hereket edýär.

## Beýik Britaniýa hökümetiniň Britaniýanyň standartlar instituty (BSI) bilen özara düşünişmek baradaky Memorandumy

Hyzmatdaşlyk ýaly şertnamalarynyň hukuk resminamalarynyň kategoriýasy hökmünde XX-nji asyrynyň ahyrynda wiza çykdy. Meselem, Beýik Britaniýanyň hökümeti we standartlaşdyrmak boýunça Britaniýa guramasy (BSI) özara düşünişmek barada Memoranduma gol çekdiler. Ondan hereket edýän kanuna laýyklykda we milli standartizasiýany ösdürmek üçin jogapkär bolan garaşsyz gurama hökmünde BSI statusy tassyklandy. 1995-nji we 2002-nji ýyllarda dünýäde çalt üýtgeýän özgertmeler göz öňünde tutulyp Memorandumyň täze redaksiýasy kabul edildi. Bu resminamada Beýik Britaniýanyň hökümeti we BSI aşakdaky soraglar boýunça ugurlarynyň birmeňzeşdigini beýan edilýär:

- Standartlaşdyrmak bäsleşik innowasiýalary ornaşdyrmak, söwda päsgelçiliklerini aýyrmak, alyjylaryň hukugyny goramak, daşky gurşawy guramak ýaly ugurlarda döwlet syýasatyny goldamak üçin esasy faktor bolup durýar;

- Ýewropa bileleşigi ýurtlarynda önüm satylanda ulanylýan kadalaşdyryjy namalarynyň söwdadaky tehniki päsgelçilikleri baradaky Bütindünýä söwda guramasynyň (WTO) ylalaşygy netijesinde söwdanyň globalizasiýasy üçin standartlaşdyrmagynyň adatdan daşary wajyp ähmiýeti bar;
- Standartlaşdyrmak kanun bilen utgaşup, döwlet derejesinde has netijeli tehniki taýdan dolandyrmagy üpjün etmäge ýardam edýär;
- Hökümet we BSI milli standartlaryň (BS) işlenip düzülmeginiň we ýaýradylmagynyň döwlet derejesinde ähmiýetiniň bardygyny belleýärler, sebäbi resminamalar belli bir derejede ähli taraplaryň, esasan hem alyjylaryň isleglerini kanagatlandyrmaýar;
- Hökümet we BSI halkara standartizasiýanyň we Ýewropa bileleşiginde ýewropa standartizasiýasynyň wajypdygyny ykrar edýärler;
- Standartlaşdyrmak boýunça geçirilýän işlerden sosial-ykdysady, bähbitleri almak we Ýewropada standartlaşdyrmagy ösdürmekde hökümet işjeň hyzmatdaşlyk eder. Halkara tejribesinde standartlaşdyrmak alyjylaryň hukugyny goramakda, esasan hem saglygy goramak we howpsyzlygy üpjün etmek şol sanda ekologiki howpsyzlyk ýaly ugurlarda administratiw hukuk üpjünçiligi boýunça ägirt uly tejribe ýygnady.

## Germaniýanyň standartlaşdyryş guramasy (DIN)

Ykdysady ugurlar boýunça standartlar Germaniýanyň öňe gidişini üpjün edýär. 1917-nji ýylda döredilen standartlaşdyrmak boýunça nemes instituty (DIN), 1975-nji ýyldan bäri Germaniýanyň standartlaryny işläp düzýän milli

gurama bolup durýar. DIN bilen iri kärhanalar, önümçilik assosiasiýalary, döwlet edaralary, söwda firmalary hem-de ylmy we okuw jaýlary hyzmatdaşlyk edýär. Standartlar bu edaranyň 73 komitetinde işlenilip düzülýär. DIN býüjeti 55 mln. ýewrodan ybarat bolup, onuň 52%-ni neşirýat işlerinden we onuň kompaniýalarynyň amala aşyrýan işlerinden gelýän girdejiler, 8%- agzalyk wznoslaryndan, 16%- anyk taslamalary we maksatnamalaryndan we 25%-senagat tarapyndan belli taslamalary we maksatnamalary meýletin maliýeleşdirmekden gelýär. Döwlet esasan ekologiýa, saglygy goramak, zähmeti goramak we tehniki howpsyzlyk ugurlary boýunça standartlaşdyrmak bilen baglanyşykly taslamalary goldaýar. Standartyň işlenip düzülmegi bilen gyzyklanýan ähli taraplar degişli tehniki komitetlerde maliýeleşdirmek işlerine hökman gatnaşmaly. DIN Germaniýanyň milli bähbitlerini ISO, MEK, CEN, CENELEK guramalarynda halkara derejede garaýar hem-de halkara we ýewropa standartlarynyň işlenilip düzülýän ugurlary boýunça ilkinjileriň hatarynda durýar. DIN-de işlenip düzülen standartlaryň 90% golaýy ISO, MEK, CEN we CENELEK degişli standartlary bilen utgaşdyrylan. Soňky iki ýylda ISO –da Germaniýanyň işjeňligi has artdy. DIN inisiatiwasy boýunça ISO/TK 230-233 ýaly 4 sany täze tehnik komitet döredildi. DIN bu tehniki komitetleriň tehniki sekretariatlaryny alyp bolýar, olaryň ýolbaşçylary hem nemes hünärmenleridir. DIN-iň hünärmenleri 727 TK we ПК ISO hem-de KASKO, KOPOLKO we DEWKO bilen hyzmatdaşlyk edýärler. CEN-de DIN sekretariaty alyp barýar we edil 3 OTK ýaly ýolbaşçylygy üpjün edýär. DIN-iň ýewropadaky standartlaşdyryş işlerine işjeň gatnaşmagy CEN ähli agzalary üçin her bir täze CEN standartyny milli standart hökmünde hökman kabul edilmeli. CENELEK-de DIN elektrotehnika, elektronika we maglumatlar tehnologiýalary boýunça nemes komissiýasy bilen gatnaşýar. Soňky ýyllarda DIN ABŞ,

Russiýa, Hytaý, Hindistan ýaly ýurtlaryň standartlaşdyryş guramalary bilen iki taraplaýyn şertnamalar baglaşdy. Russiýa bilen yewropa kadalaryny sazlaşdyrmak, uýgunlaşdyrmak, tehniki taýdan dolandyrmak problemalary hem-de rus-german söwda gatnaşyklaryň netijeligi boýunça DIN hyzmatdaşlyk edýär. Hytaý bilen 1979-njy ýyldan bäri hile edilýän gözegçilik, saglygy goramak, tehniki howpsyzlyk, daşky gurşawy goramak ugurlary boýunça hyzmatdaşlyk edýär. Bu hyzmatdaşlyk Germaniýa we Hytaýyň arasyndaky söwda gatnaşyklarynyň intensifikasiýasyna gönükdirilen. Hindistan bilen hem örän ýakyndan gatnaşykda hyzmatdaşlyk edýär. ABŞ bilen hyzmatdaşlyk nemes harytlaryny ABŞ we Kanadanyň bazarlaryna eksport etmek üçin amatly şertleriň döredilmegine gönükdirilen (bu ýurtlara edilýän eksport umumy ýewropa eksportynyň 25% düzýär). DIN-iň düzüminde standart ulanyjylaryň German komiteti isleýär (ANP) (www.anp.din.de.). Onuň meselesi tejribelikde standartlaryň talaplarynyň ornaşdyrylmagyna ýardam bermek, standartlaşdyrmagyň ugry boýunça tejribe alyşmagy guramak hem-de halkara inisiatiwalaryna gatnaşmak. ANP dürli pudaklarda ornaşdyrylýar tejribeler we standartlary işläp düzüjileriň arasynda baglaşdyryjy zynjyr bolup durýar.

## Standartlaşdyryş boýunça regional (döwletara) guramalar

Geografiki, etnografiki şertler boýunça, ykdysady nukdaý nazaryndan ysnyşykly aragatnaşykdaky döwletleriň standartlaşdyryş edaralary regional guramalary emele getirýärler. Muňa GDA-nyň Standartlaşdyryş, metrologiýa we sertifikasiýa baradaky Döwletara Geňeşi, Türki dilli döwletleriň standartlaşdyryş barada regionara guramasy,

standartlaşdyryş we metrologiýa barada Arap döwletleriň guramasy we başgalar mysal bolup biler.

Regional gurama girýän döwletler özara ylalaşygyň esasynda öz senagaty üçin häsiýetli, milli aýratynlyklaryna laýyk gelýän we söwda aragatnaşyklaryny aňsatlaşdyrýan standartlary işläp taýýarlaýarlar. Tükmenistanyň standartlaşdyryş edarasy bolan Standartlaşdyryş, metrologiýa, ýerasty baýlyklary goramak we halk hojalygynda işleri howpsuz alyp barmak boýunça Baş döwlet inspeksiýasy GDA-nyň Döwletara Geňeşi guramasynyň agzasy bolup durýar. Bu guramanyň işini alyp barýan sekretariat Minsk(Belorus) şäherinde ýerleşýär.

Bu guramanyň wagtly wagtynda Döwletara maslahatlary geçirilýär. Maslahatlardan başga-da standartlaşdyrmagyň, metrologiýanyň we sertifikatlaşdyrmagyň aýratyn meselelerine garaýan işjeň toparlaryň ýygnaklary hem geçirilýär. Geňeş döwletara standartlaryny kabul edýär. Kabul edilen Döwletara standartlar Geňeşiň we toparyň kararlary Döwletara Geňeşe girýän döwletlerde şol döwletleriň standartlaşdyryş baradaky milli guramalaryň kararlary bilen güýje girizilýär.

## Standartlaşdyryş boýunça Halkara guramalar

Standartlaşdyryş we metrologiýa boýunça ilkinji halkara gurama Halkara ölçegler we agramlyklar guramasy ady bilen 1875-nji ýylda döredilýär, 1906- njy ýylda bolsa, Halkara elektrotehniki komissiýa emele getirilýär. 1926-njy ýylda Milli standartlaşdyryş guramalarynyň halkara assosiýasiýsy öz işine başlaýar. Onuň düzümine 20 döwlet girýär. Ikinji jahan urşundan soň 1946-1947-nji ýyllarda bu işler standartlaşdyryş boýunça halkara ISO guramasy ady bilen şu güne çenli hereket edýär.Häzir ISO-nyň düzümine 150-den köpräk döwlet

girip,1993-nji ýylda Türkmenistan hem habarçy-agza bolup onuň düzümine girdi. ISO-nyň we IES-niň 250-den gowrak tehniki komitetleri bolup, her bir tehniki komitet önümleriň belli bir görnüşleri boýunça halkara standartlaryny işläp taýýarlaýarlar ýa-da standartlaşdyryşa degişli beýleki işleri ýerine ýetirýärler. ISO-nyň kabul eden standartlary onuň agzalary üçin hökmany hasaplanylýar.

ISO-nyň kanun çykaryjy guramasy bolup, üç ýylda bir gezek ýygnaýan Baş Assambleýanyň sessiýasi hyzmat edýär. Sessiýalaryň aralygynda bolsa ýolbaşçylygy ISO-nyň Baş sekretariaty ýerine ýetiriji komitetiň we merkezi sekretariatyň üsti bilen alyp barýar.

## Standartlaşdyrma babatda iş alyp barýan halkara guramalar

BMG-nyň ykdysady komissiýalary – ЕЭК ( Ýewropa üçin ykdysady komissiýa) , ЭСКАТО ( BMg Afrika üçin ykdysady komissiýa ),( BMG Aziýa üçin ykdysady we sosial komissiýasy ) , ЭКЗА ( BMG Günbatar Aziýa üçin ykdysady komissiýasy). BMG-nyň Latyn Amerika üçin ykdysady komissiýasy . BMG-nyň ýöriteleşdirilen guramalarydyr; olar aýratyn kontinentleriň ykdysadyýetini ösdürmek üçin niýetlenendir. Olaryň işiniň meseleleriniň bir ýurtlarda standartlaşdyrmak işlerine ýardam etmek we onuň ugurlaryny kesgitlemek hem-de halkara standartizasiýa guramalary bilen aragatnaşygy saklamakdyr. ÝYK BMG-nyň ykdysady komissiýasy. Standartlaşdyrmak boýunça hemme derejede – milli regional we elbetde halkara derejelerde giňelýän ykdysady, önümçilik, söwda aragatnaşyklary standartlaşdyrmagyň belli bir obýektlerinde we aspektlerinde üns berilýär, bu bolsa standartlaşdyrma işlerinde belli bir ugrukdyrmalaryň gerekliligine ýüze çykardy (bu işler bolsa

umumylykda hökümet derejesindäki halkara guramalara degişlidi ). Hökümetiň standartlaşdyrma syýasatyna jogapkär ýokary wezipeli wekilleriniň gatnaşygynda geçen Maslahatyň netijesinde ÝYB sazlaşdyrma boýunça merkezi regional guramanyň ornuny ýerine ýetirer ; üçünji ýurtlara degişli umumy söwda syýasatyny alyp barmak ; ÝeYB işinde şahslaryň we kapitalyň erkin hereketi ; agza ýurtlarynyň kanunynyň golaýlaşmagy we ş.m.( ÝYB 1972 ý. ) Daniýanyň we Irlandiýanyň , 1981 ý. Gresiýanyň, 1986 ý. Ispaniýanyň we Portugaliýanyň goşulmagy bilen bu Bileleşik önümçilik taýdan ösen 12 ýurdy öz içine alýar. ÝYB birleşigi öz öňünde goýlan meseleleri çözmekde ýerli hökümetleriň kadalaryny we görkezmelerini ýeke-täk görnüşe getirmek we milli tehniki standartlary ylalaşdyrmak zerurlygy ýüze çykdy , sebäbi olar döwletleriň arasynda harytlary we hyzmatlary alyş- ýçalyş etmekde tehniki bökdençlik bolup durýardylar. Şonuň bilen birlikde , ÝYB . umumy bazary ˝ döretmäge ýykgyn edip , ( ykdysadyýetde we sosial syýasatda umumy çäreleri amala aşyryp) ÝYB ýapyk integrasion tarap bolmagyna galýar . ÝYB emeli ýol bilen getirýän syýasaty netijesinde , ˝ keseki ˝ ýurtlaryň harytlarynyňiçgibazara aralaşmaga päsgel berilýär. Satuw bazaryny eýelemek , bäsdeşleri gysyp çyjkarmak – bu guramanyň esasy ýerine ýetirýän işleridir. Başga bir tarapdan ÝYB girýän ýurtlaryň öz milli normalaryny we standartlaryny döretmekde esasy problema bolup durýar. Halkara guramalaryň ýeke- ýetirýän işlerine baha berip ÝYB we ÝASA ( Ýewropanyň azat assosiasiýasy ) ýolbaşçylary Ýewropa ýurtlarynyň öňlerinde duran meseleleri şol ýurtlaryň öz derejesinde çözülse has aňsat diýip hasap edfýärler. Fransiýanyň standartlaşdyrma boýunça komissiýalary L.Dýürahyň belleýşi ýaly , standartlaşdyrma öz manysy boýunça Ýewropany birleşdirme syýasatyna öz saldamly

goşandyny goşup , açyk ykdysady giňişligini döredi biler we bilmelidirler . 1957-nji ýylda standarlaşdyrma boýunça agza bolup durýan we ÝASA girýän ýurtlaryň Pariž maslahatynda şu ýurtlaryň ykdysady birleşmesi şertinde olaryň standartlaryny ylalaşdyrmak boýunça bilelikdäki hereketleriň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Şu hyzmatdaşlygyň ugurlaryny kesgitleýän rezolýüsiýalar kabul edildi. Aýry-aýry ýurtlaryň tejribesinde önümleriň öz spesifiki häsiýetlerinden, ýerli şertlerden gelip çykýan önümleri sertifikatlaşdyrmagyň dürli-dürli görnüşleri duş gelýär.

## Türkmenistanyň önümleriniň milli laýyklyk belligi

Türkmenistanyň Prezidentiniň 06.04.1994ý. N 1743 karary bilen tassyklanan we herekete girizilen.

**Ulanylýan ugurlary.** Şu kadalaşdyryjy resminama Türkmenistanyň önümleriniň, hyzmatlarynyň we işleriniň sertifikatlaşdyrylýan halatynda peýdalanylýan milli laýyklyk belliginiň ulanylyş sferasyny, formasyny we oňa bildirilýän tehniki talaplary belleýär. Bu dokument Türkmenistanyň sertifikatlaşdyryş sistemasynyň işine gatnaşýan resmi we hususy adamlar üçin hökmanydyr. ISO-nyň rekomendasiýalaryna TDS 1.2-93 kompleks standartlarynyň esasynda taýýarlandy.

**Kesgitleme.** Milli laýyklyk belligi bellenilen tertipde hasaba alnan we Türkmenistanyň adyndan önümleriň, hyzmatlaryň ýa-da işleriň bellenilen proseduralara laýyklykda barlanylandygynyň, synag edilendugunuň we laýyklyk sertifikatynyň alandygyny tassyklamak üçin peýdalanylýan Türkmenistanyň grafiki haryt belligidir.

**Milli nyşany ulanylmagyň tertibi.** Milli laýyklyk belligi sertifikatlaşdyrylan önümleri, hyzmatlary üpjün edişi, şeýle hem kärhana, gurama milli laýyklyk belligini diňe şol

önümlere, hyzmatlara ýada işlere standartlaşdyryş boýunça milli organda hasaba alnan sertifikaty alanlaryndan soň ulanmaga hukuklydyr.

**Milli belginiň formasy.** Milli laýyklyk belginiň keşbi-TDS görnüşinde berilýär.

**TDS** Döwlet standartlarynyň we beýleki dokumentleriň önümler sertifikatlaşdyrylýan talaplary görkezilen belgisi önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) sertifikatlarynda we ugradyjy dokumentlerinde goýulýar. Milli laýyklyk belginiň ölçegini sertifikatlaşdyrylan önümçiligi ulanylýan kärhanalaryň we guramalaryň ýolbaşçylary saýlap alýarlar. Laýyklyk belginiň proporsiýasyny üýtgetmäge geografiki haryt belgileri üçin göz öňünde tutulan çäklerde rugsat beriýär. Şonuň hem milli laýyklyk belginiň keşbi Türkmenistanyň haryt belligi hökmünde habarlaýan we many taýdan bütewiligini ýoýmaly däldir.

## Markalamaga bildirilýän talaplar

Sertifikatlaşdyrylýan önümler üçin milli laýyklyk belgini her bir sertifikatlaşdyrylýan taýýarlaýjynyň markasynyň golaýynda, işiň aýrylmaýan böleginde şeýle hem harydyň ulanylyş we ugradyş dokumentlerinde (pasportda, ýarlykda, etiketkada) we ş.m. goýulýar.

Sertifikatlaşdyrylýan hyzmatlar üçin milli laýyklyk belgisi hödürlenýän hyzmatlaryň ýanyndaky ugradyş dokumentlerinde goýulýar. Ugradyş dokumentlerde laýyklyk belgini goýmak mümkin bolmasa sertifikatlaşdyrylýan hyzmatlary ýerleşdiriji tarapyndan dokumentlerde we şol hyzmaty reklama edýän materiallarda goýlup bilner. Şeýle ýagdaýlarda nyşanyň şu hili ulanylşy barada lisenziýalaýyn ylalaşykda öňünden agzalyp geçirilýär. Sertifikatlaşdyrylan önümçilik (hil ulgamy) üçin milli laýyklyk

belgisi, eger-de önümleri üpjün etmek baradaky ylalaşykda ýa-da kontraktlarda hil sistemasy üçin milli laýyklyk belligi şol önümçiligiň dokumentlerinde goýulýar. Milli laýyklyk belligi, eger-de önümleri üpjün etmek baradaky ylalaşykda ýa-da kontraktlarda we sistemany sertifikatlaşdyryşyň talaplary bar bolsa, önümleri kabul edijiniň adresine iberilýän dokumentlerde ulanylyp bilner. Milli bellik bir reňkde ýerine ýetirilmelidir we onuň reňki fonuň reňkine gapma-garşylykly bolmalydyr. Milli laýyklyk belliginiň formasy önümleriň gulluk möhletiniň, hyzmatlaryň ýerine ýetirişiniň ýa-da hil sistemasynyň dokumentleriniň peýdalanylýan wagtynyň dowamynda aýdyň we düşnükliligiň üpjün edip bilýän islendik tehnologik usulda ýerine ýetirlip bilner. Milli laýyklyk nyşany bar bolan önüme (işe, hyzmata) onuň bahasynyň 10 % barabar möçberde goşmaça baha bellenilýär. Onuň bahasynyň 3% sertifikatlaşdyryş baradaky döwlet organyna geçirilýär. Laýyklyk sertifikatynyň hereketi ýatyrlan halatynda milli laýyklyk belligi bilem markalamaklyga rugat berilýär.

“Türkmenistanyň önümleriň milli laýyklyk belligi” TDS 1.3-93 bellenilen tertipde hasaba alnan we Türkmenistanyň adyndan önümleriň, hyzmatlaryň ýa-da işleriň bellenilen tärlere laýyklykda barlanandygyny, synag edilendigini we laýyklyk sertifikatynyň eýesi bolandygyny tassyklaýamak üçin peýdalanylýan önümleriň Türkmenistanyň grafiki haryt belligidir.

Milli laýyklyk belligi sertifikatlaşdyrylan önümleri, hyzmatlary üpjün ediji, şeýle hem kärhana, gurama, milli laýyklyk belligini diňe şol önümlere, hyzmatlara ýa-da işlere sertifikatlaşdyrmak boýunça milli organda hasaba alynýan sertifikaty alandan soň ulanmaga hukuklydyr.

Sertifikatlaşdyryş baradaky milli organa laýyklykda beligileriň we beýleki haryt belgileriniň Döwlet reýestrini ýöredýär. Ýurdumyza getirilýän we ýurdumyzdan äkidilýän

önümler (işler, hyzmatlar) döwlet standartlaryna laýyk gelmelidir we milli laýyklyk belgili bolmalydyr. Milli laýyklyk belliginiň keşbi-TDS görnüşinde türkmen gölüniň içinde şekillendirilýär. Döwlet standartlaryň we beýleki dokumentleriň sertifikatlaşdyrylýan talaplary görkezilwn belgisi önümleriň (işleriň, hyzmatlaryň) sertifikatlarynda we ugradyjy dokumentlerinde goýulýar. Geňeşiň we TMB-nyň saýlanan agzalary bolan wagtynda, agzalar guramanyň ähli agzalarynyň bähbitleri ugrunda hereket etmäge borçludyr.

## Sertifikasiýanyň görnüşleri

Sertifikatlaşdyrma ulgamy alyjylaryň jan saglygyny, hili pes harytlaryň bolmazlygyny, önümleri daşary ýürda çykarmaga we bäsleşige ukypybyny ýokarlandyrmaga täsir edýär. Sertifikatlaşdyryş - önümleriň we hyzmatlaryň hiliniň ýokary derejede bolmagynyň, olaryň diňe bir öz ýürdynda däl-de eýsem dünýä bazarynda geçginli bolmagynyň girewidir. Sertifikatlaşdyrma - munuň özi önümiň bellenen talaplara laýyk gelýänligini subut etmek - tassyklamak barada geçirilýän işdir. Sertifikasiýa ulgamlarynyň statusy boýunça olar hökmany we fakultatiw (hökman däl) häsiýetli ulgamlar bolup bilýär.

Hökmany häsiýetli sertifikasiýa- döwletiň milli standartlar guramasynyň tassyklamagy hökman –önümiň hiliniň standartlaryň talaplaryna laýyk gelmegini tassyklama. Bu ulgamda standartlarda hökman daş töweregiň goramaklygy, howpsuzlyk, saglygy goramak bu ýerde ulanylýan standartlarda göze getirilýär (ISO 9000; ISO 14000-howpsuzlyk standarty). Hökmany sertifikasiýa- munuň özi standartlaryň ýa-da gaýry kadalaşdyryjy resminalaryň talaplaryna, ýagny adamlaryň jany, saglygy, raýatlaryň emlägi hem-de daşky gurşaw, önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) hili üçin

şol önümiň howpsuzlygyny üpjün edýän talaplara önümiň laýyk gelmelidigi barada sertifikasiýalanmagydyr. Hökmany sertifikasiýa edilmegi önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) nomenklaturasy Türkmenistanyň Ministrler kabineti tarapyndan tassyklanýar. Ýurda getirilýän we eksport edilýän önümleriň hemmesi hökmän sertifikasiýa edilmäge degişlidir. Sertifikasiýany işlenip taýýarlanydan kadalara we özleriniň ygtyýarlaryna laýyklykda sertifikasiýa baradaky edaralar geçirýärler. Önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) sertifikasiýasy geçirilende, sertifikasiýa baradaky edaranyň çykaran karary oňyn bolan mahalynda, zaýawka berene, laýyklyk sertifikaty berilýär, bu bolsa şol önümi önümiň we hyzmatlaryň sertifikasiýasy baradaky döwlet edarasy tarapyndanbellenen tertipde Laýyklyk nyşany bilen belgilemäge hukuk berýär.

Sertifikasiýa ulgamlarynda peýdalanylýan laýyklyk nyşanlary, şeýle hem Milli laýyklyk nyşany sertifikasiýa baradaky döwlet reýestrinde bellige alynýar.

Fakultatiw häsiýetli ulgam sertifikasiýasy hökman ýerine ýetirilmeli däl, ýöne olaryň girizilmegi önümiň hilini, önümçiligiň hilini kämilleşdirýär we adamlaryň arasynda bir birege ynam döredýär, önümiň bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrýar. Sertifikasiýanyň mazmuny önümiň hilini üpjün edýän çäreleri boýunça we başga edaralaryň şertifikasiýa gatnaşmaklary boýunça ol iki görnüşe bölünýär:

**1**. Önümiň öz-özini sertifikatlaşdyrmak;

**2.** Sertifikasiýany 3-nji bitarap guramanyň geçirmegi boýunça.

1-nji görnüşli sertifikasiýa önüm öndürýän kärhanalar bilen geçirilýär. Sertifikat- dokumenti öndüriji kärhananyň özi bilen berilýär (ady, önümiň häsiýeti, N partiýanyň we KR N, ady)- laýyklyk sertifikatynda görkezilýän rekwizitler (Germaniýa, Gollandiýa, Kanada, ABŞ ). Bu

ulgamy girizmek üçin bu ýurtlarda ýokary effektiwli hil ulgamy önümiliklerde ulanylmaly.

Şertler:

- ýokary hilli doly talaply standartlar;
- ýokary derejeli barlag guramalar, usullar.
- uly jogapkärçilik öndürijileriň tarapyndan, doly düşünje we ýurdiki tarapdan jogapkärçilik öndüriji kärhanalaryň tarapynda.
- bitarap III taraplar bilen geçirilýän sertifikasiýa işleri;
- olaryň olaryň 8 sany görnüşleri.

Hemmesi önümiň synagyny geçirýärler. Hemme geçirilýän çäreler öndüriji-kärhananyň jogapkärçiliginde geçirilýär. (ISO “Sertiko”) boýunça aşakdaky görkezilen klassifikasiýa ulanylýar.

| | |
|---|---|
| 1 ulgam | Önümiň standartlaryň talaplaryna laýyklygy önümiň nusgalary tipli synaglarynda esaslanýar we ýörite tassyklanan synag guramalarda synag geçirilýär. |
| 2 ulgam | Önümiň nusgasy tipli synaglara ýörite tassyklanan synag guramalarda geçirimeginde esaslanýar we wagtly-wagtynda barlag synaglary söwdadan alnan nusgalary barlanýar. |
| 3 ulgam | Zat öňki ýaly ýöne önümiň nusgasy söwda iberilmänkä wagtly-wagtynda synagdan geçirilýär. |
| 4 ulgam | 1-3 ulgamlardaky ýaly ýöne önümiň nusgalary söwdadan we önümçilikden alnyp synagdan geçirilýär. |
| 5 ulgam | Tipli synaglar we önümiň kärhanalarda hilini üpjün edýän ulgamy barlamak we hilini wagtly wagtynda synagy nusgalary |

| | |
|---|---|
| | söwdadan we önümçilikden alyp geçirmek ýokary gerekli derejeli hilli önümi öndürmäge mümkinçilik bar. |
| 6 ulgam | Ýeke önümiň hilini üpjün edýän ulgamy kärhanalarda (attestasiýa) bahalanýar. |
| 7 ulgam | Her önüm toplumyndan seçip saýlanyp önümiň synagy geçirilýär. Ýörite düzgün tertip boýunça statistiki derňew usullary ulanylanda göz öňünde tutulýar. |
| 8 ulgam | Bu ulgamda önümiň standartyň talaplayna laýyk gelmekligi önümiň her ekzemplýary synagdan geçirilmeginde esaslanylýar. Bu ulgam boýunça önümiň hilini berk talaplar edilýän we standarta laýyk däl önümler sarp edijilere uly maddy zyýan edip bijek ýagdaýlarda ulanylýar. Gymmat bahaly metallardan edilen önümler we markirowka edilen önümleriň arassalygy barlananda |

Ulgamlar 6,7 we 8 biri-biri bilen bagly däl we 1-5 ulgamlar biri-biri bilen bagly däl. Bu tipli synaglaryň laýyklyk sertifikaty berlende we önümi markirowka edilende birnäçe sertifikasiýa boýunça milli guramalar bilen ulanylýar.

Ulgamlaryň her dürli görnüşlerini ulanylmagy ulanylyş şertleri, önümiň tapawutlylygyna, önümçiligiň üýtgeşikliligine ýurduň ykdysady ýagdaýyna baglydyr. Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny gazanmagy bilen döwletimiziň dünýäniň ykdysady ulgamyna aralaşmagy, bazar gatnaşyklaryna geçmegi esasy wezipeleriň biri boldy. Standartlar we hil meseleleriň täze ýörelgelerde esaslanmagy derwaýys zerurlyk hökmünde ýüze çykdy. Şu sebäpli “Türkmenstandartlary” BDG-nyň öňünde durýan meseleler kesgitlendi. “Türkmenstandartlary” BDG 1993-nji ýyldan bäri Halkara

standartlaşdyryş guramasynyň habarçy agzasydyr. Bu ýagdaý bize standartlaşdyryş boýunça kadalaşdyryjy resmi kagyzlary we halkara standartlaryny almaga mümkinçilik berýär hem-de öz gezeginde biziň kabul edýän kadalaşdyryjy resmi kagyzlarynyň halkara standartlaryna laýyk gelmegi üçin şert döretdi. Halkara standartlary adamzadyň dünýäsinde uly rol oýnaýarlar. Olar adamyň howpsuzlygyny, saglygyny, önümiň hiliniň üpjün ediş serişdesi hökmünde we işeňňirligiň subutnamasy bolup durýar. Biziň ýurdumyzda standartlaşdyrmak, metrologiýa we sertifikasiýa ugrundaky işleri şeýle hem ýurtda öndürilýän önümleriň hilini gowulandyrmak we harytlaryň dünýä ykdysady bazarynda bäsleşige ukyplylygyny berkitmegi üpjün etmäge “Türkmenstandartlary” BDG sertifikasiýa işleriň üsti bilen ýardam edýär. 1993-nji ýylda Türkmenistanda “Önümleriň we hyzmatlaryň sertifikasiýasy hakynda” kanun kabul edildi we sertifikasiýa boýunça döwlet ulgamy döredildi. “Türkmenstandartlary” Baş Döwlet gullugynyň we welaýatlaryň sertifikasiýa bölümlerinde uly işler amala aşyrylýar. Bu işler TDS 1.2 “Türkmenistanda sertifikasiýa boýunça Döwlet ulgamy. Esasy düzgünler” milli standartlara laýyklykda geçirilýär. Türkmenistanda dünýäniň ähli ýurtlarynda bolşy ýaly sertifikasiýanyň 3 görnüşi bar:

1. Önüm toplumynyň sertifikasiýasy- arza beriji sertifikasiýa guramasyna ýüz tutýar we önümiň hödürlenensanyna laýyklyk sertifikaty berilýär.

2. Önümçiligiň sertifikasiýasy- kärhananyň arzasy boýunça onuň standartlarynyň talaplaryna laýyk öndürilýän önümleri öndürmäge mümkinçiligi barlanylýar we položitel netijede taýýar önümçilik synagynyň netijesinde laýyklyk belginiň ulanylmagyna rugsat berilýär we önüm toplumynyň sertifikasiýa prosedurasy aýrylýar.

3. Hil ulgamynyň sertifikasiýasy- kärhanada döredilen

hil ulgamy standartlara laýyklygy barlanylýar. Bu ulgamyň içinde hemme tehnologiki operasiýalaryň we taýýar önümiň barlagy, ulgamyň kämilleşdirmek özgertmek mümkinçiligi göz öňünde görkezilýär. Taýýar önümi laýyklyk belgisi bilen belgilemäge rugsat berilýär hem-de önümiň toplumyna sertifikasiýa prosedurasy we meýilnamada bellenilen Döwlet gözegçiligi aýrylýar. Sertifikasiýanyň esasy aýratynlyklary:

- Önümiň hiline ynamlyk döretmek üçin wajyp serişde:
- Ýurda hil derejesi pes önümiň getirilmezligine;
- Sarp edijiler tarapyndan aljak önümini saýlamagyny ýeňilleşdirýär;
- Ylmy-tehniki progrese ýardam berýär;
- Milli önümleriň sertifikasiýasy daşary ýurt önümleriň importyny azaltmak;

Köp döwletler sarp edijilik höwesini ilki bilen sertifikasiýa geçen harytlara ýa-da ISO 9000, ISO 14000 sertifikatynyň eýesi bolan kärhanalar berýär. Sertifikatyň hereket edýän möhledi sertifikasiýa guramasy tarapyndan ýagdaýa görä bellenilýär we önümiň ýerleşdiriş we ulanylyş möhletinden köp bolmaly däl. Ekspertizanyň ýa-da synagyň netijesi otrisatel bolanda sertifikatyň berilmegi bolanok we predpisaniýe berilýär şeýle hem ýokary gurama habar berilýär. Berlen predpisaniýede (ýazgyda) görkezmeleriň ýerine ýetirlmek möhledi bellenilýär. Arza beriji ýazgy görnüşinde görkezmeleriň ýerine ýetirilşi barada sertifikasiýa guramasyna maglumat berýär we önümiň yzyna gaýtarylmagy, bahasy ýa-da gaýtadan işlenmegi, ýok edilmegi barada gerekli dokumentleri ýany bilen goýýar. Sertifikasiýa işleriniň geçirilmeginiň möhledi kadalaşdyryjy resminamalarda görkezilen möhletinden (önümiň hiliniň we howpsuzlygynyň synag möhletinden) köp bolmaly däl. Ekspertiza geçirilen

wagtynda 1 günden köp bolmaly däl. Halkara sertifikatlaryň ykrar edilmegi

- Ulgamyň halkara sertifikaty ykrar etmäge hukugy bar ýagdaýynda;
- Arza berijiniň ýüz tutan sertifikasiýa guramasy halkara sertifikatyny ykrar etmäge netije çykaranda;

Önümçiligiň barlagy:

- Arza berlip , önümçilige degişli resminamalary seljermek we barlamak;
- Kommisiýa düzmek (ekspert auditorlar);
- Barlagyň aktyny we hasabatyny düzmek;
- Laýyklyk sertifikatyny işläp düzmek.

| **Otrisatel netije** | **Položitel netije** |
|---|---|
| Kemçilikleri görkezip, ýok edip täzeden arza maglumatlary ibermek | Laýyklyk sertifikatynyň berilmegi |

1. Barlagyň netijesinde akt düzülýär- onda önümçilik barada baha berilýär.
2. Bir aýyň dowamynda kärhananyň adresine hasabat iberilýär.
3. Barlagyň netijesi esasynda jemleme düzülýär.
4. Netije çykarmak tertibi-düzgüni işçi usulyýet bilen bellenilýär.

Şikes- önümiň niýetlenmegi boýunça ulanmak mümkinçiligi ýok edýän talaplary ýerine ýetirilmezlik.

Izarlanmak- hereketleriňýerine ýetirilmegini ýa-da önümiň önümçiligiň hemme tapgyrlaryny yzarlanmak ukyplylygy.

Identifikasiýa-önümçiligiň hemme tapgyrlarynda ýöriteleşdirilen şertleriň kömegi bilen önümiň hakykylygyny kesgitlemek.
Öňüni alýan hereketlerlaýyk dälligiň öňüni almak üçin edýän hereketler.
Korrektirleýji hereketler- laýyk dälligiň döremeginiň gaýtalanmazlygynyň sebäbini ýok edýän hereketler.

Werifikasiýa-bellenen talaplaryň ýerine ýetirilenligini obýektiw ölçeg we barlag usullary bilen ykrar etmek.

Walidasiýa- bellenen we ýerine ýetirilen talaplar ulanmaga we netijä ýetmek üçin ulanylmagynyň obýektiw ykrar edilmegi.

Hil ugrunda syýasat-ýokary ýolbaşçylar bilen resmi taýdan bellenen hil ugrunda guramanyň umumy we gönükdirilen iş hereketleri.

Effektiwlik- ulanylan resurslaryň we alnan netijeleriň aragatnaşygy.
Infrastruktura- guramanyň işlemegini üpjün etmeküçin niýetlenen binalar, enjamlar we gulluklar.

Prosedura- prosessiň ýa-da iş hereketiň amala aşyrylyş ynyň belli usullary.
Analiz- bellenen maksatlara ýetmek.
Audit (barlag)-garaşsyz we dokumentleşdirilen maglumatlary almak we obýektiw bahalamak maksady bilen geçirilýän barlag.
Kompetentlik- bir ugur boýunça bilimi doly eýelemek we olary ulanmaga ukyplylyk.

Hökmany sertifikasiýa – munuň özi standartlaryň we beýleki kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna, ýagny adamlaryň jan saglygy, raýatlaryň emlägi hem-de daşky gurşaw, önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) hili üçin şol önümiň howpsyzlygyny üpjin edýän talaplara laýyk gelmegi barada sertifikatanmagydyr. Hokmany sertifikasiýa edilmegi önümiň

(işleriň, hyzmatlaryň) nomenklaturasy Türkmenistanyň Ministirler kabinety tarapyndan tassyklanýar. Türkmenistana getirilýän we eksport edilýän önümleriň hemmesi hökman sertifikasiýa edilmäge degişlidir. Sertifikaiýany işlenip taýýarlanan kadalara we özleriniň ygtarlygyny laýyklykda sertifikasiýa baradaky edaralar geçirýär.

Önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) sertifikasiýa geçirilende, sertifikasiýa baradaky edaranyň çykaran karary onuň bolan mahalynda, zaýawka berene, laýyklyk sertifikaty berilýär, bu bolsa şol önümi önümiň we hyzmatlaryň sertıfıkasiýa baradaky döwlet edarasy tarapyndan bellenen tertipde Laýyklyk belgisi bilen bellenmäge hukuk berýär. Sertıfıkasıýa ulgamynda ulanylýan laýyklyk belgileri, şeýle hem Milli laýyklyk belgisi sertıfıkasiýa baradaky döwlet reýestirinde bellige alynýar. Sertifikatlaşdyryş işi öndürijiniň we satyn alyjynyň arasyndaky aragatnaşygynyň zynjyryny utgaşdyrýar. Islendik sowda aragatnaşyklar öndürijiniň we sarp edijiniň ortada bolmaklygyny göz öňünde tutýar. Öndürüjiüçin sartifikatlaşdyryş onuň öz hil üpjinöilik ulgamyna goşmaça hyzmat edýär. Sarp ediji üçin ol öndürijini barlamagyň garaşsyz usuly bolup hyzmat edýär. Şeýlelikde önümiň sartifikatlaşdyrylmagy öndüriji hem sarp ediji üçin çäksiz peýdalydyr, sebäbi ol sowdanyň ösmegine ýardam edýär we gatnaşýan taraplaryň arasyndaky jadelleri aradan aýyrýar. Öndürijiniň we sarp edijiniň özara gatnaşyklarynyň nukdak-nazaryndan sertifikatlaşdyryşyň maksady öndürijiniň önüminiň hiliniň ýokarlanmagynda, iň bolmanda ulanylýan standartyň talaplaryna çenli, sarp edijiniň bolsa standartyň talaplaryna laýyk gelýän önüm bilen üpjin etmekde goramaga mümkinçilik döredýänligi şundan gelip çykýar.

**Barlag laboratoriýalaryna talaplar we olary akkreditirlemegiň düzgüni.**

**Ulanma çägi.** Sertifikasiýa ulgamynda akkreditirlenen, barlag laboratoriýalara talaplary we olaryň akkreditasiýasynyň tertibini belleýär. Barlag laboratoriýalary akkreditirlemekde, şeýle hem olaryň işleriniň inspeksion gözegçiligini geçirilende ulanmak üçin niýetlenen. Ol ISO/MEK 25 "barlag laboratoriýalaryň tehniki kompetentnostlygyň bahasyna umumy talaplar", ISO/MEK 38 "Barlag laboratoriýalaryň kabul edilmesine umumy talaplar", ISO/MEK 43 "kompetentlilige barlagy geçirmek we gurnamak", ISO/MEK 49 "Barlag laboratoriýalar üçin "hili boýunça ýolbaşçylyk" Akkreditasiýa boýunça organlaryň kabul etmesine umumy talaplar" işläp taýýarlamak boýunça ýolbaşçylyk düzgünnamasyna talaplary hasaba alýar, ISO/MEK 55 "Barlag laboratoriýalaryň akkreditasiýa sistemalary. Sistemanyň herekediniň ýolbaşçylygy boýunça umumy teklipler (hödürnamalar)" we Ýewropa standartlaryň EN 45001 "Barlag laboratoriýalaryň işiniň umumy kriteriýalary", EN 45002 "Barlag laboratoriýalara baha bermek üçin umumy kriteriýalar", EN 45003 "Laboratoriýalary akkreditirlemek boýunça organlar üçin umumy kriteriýalar". Akkreditirilenen barlag labaratoriýa şeýle hukuklara eýedir:Sertifkatlaryň barlaryň protokolarynyň formasyny bellemek,prtokolda barlaglaryň netijeleri hakynda doly maglumatlar bolmalydyr, NTD-nyň seredilýän önüminiň laýyklygy hakynda netijeler;laýyklygy sertifkatlaryny bermek,egerde şeýle hukuk esasy döwlet inspeksiýa bilen berlen bolsa (lisenzion şertnamanyň esasynda);reklama materiýalarda,dürli dokumentlerde şonuň içide barlaglaryň netijelerini tutýan ulgamda akkreditirilendigini görkezmek;başga laboratoriýalar bilen kankrent barlaglar

geçirilmesine akkreditasýa çäginde subpodurýaçy şertnamalary baglaşmak,şol barlaglaryň geçirilmesine ulgamda hukukly akkreditirilenen labarotoriýalar bolmaly şertlerinde.

## Umumy düzgünnama

Ulgamda barlag laboratoriýalaryň akkreditasiýasy tehniki kompententligiň resmi tassyknamasy bolup durýar we TDS 1.2. 02. 93 laboratoriýalar işläp taýýarlaýjylardan, önümi alyjylardan ýa-da konkret önüminiň ýa-da synagyň konkret görnüşleriniň standartyň ýa-da başga normatiw dokumentleriň talaplary bilen laýyklykda synag geçirilende onuň diňe tehniki kompetentliginiň garaşsyzlygy. Akkreditasiýa geçmegini isleg bildiren haýsy-da bolsa laboratoriýa, onuň degişliligine we hususyçylyk formasyna garaşsyz, akkreditirlenen bolup biler.

## Bellik.

**1.** Subpodrýad boýunça işleriň göwrümi barlaglar boýunça işleriň umumy göwrüminde 25 % ýokary däl bolmalydyr, akkreditirilenen labarotoriýa tabşyryjy bilen ýerne ýetirilýän.

**2.** Barlag laboratoriýanyň akkreditirilenmeginde subpodýäd boýunça onuň ýerlerine ýetirilýän işleriniň göwrümine limitler belläp bilerler.

**3.** Barlaglaryň netijeleri bolan dokumentlerde subpodrýadçy bilen alnan netijeler gözükmeler bellenen bolmalydyr.

**4.** Laboratoriýa-tabşyryjy, akkreditasiýa çäginde subpodrýad boýunça ýerine ýetirilen hemme işleri üçin doly ýuridiki jogapkärçiligi çekmelidir. Sertifikasiýa maksatlary üçin synaglar barlag laboratoriýalar bilen, tehniki kompetentligine we garaşsyzlygyna akkreditirlenme geçirilýär.

Sertifikasiýa maksatlary üçin synag laboratoriýalarda, diňe tehniki kompotentligine we garaşsyzlygyna akkreditirlenen, konkret önümiň sertifikatlaşdyrmasy boýunça organyň wekiliniň gözegçiligi astynda synag geçirilmegi ygtyýar edilýär. Şeýle synaglaryň obýektiwligine jogapkärçiligi sertifikatlaşdyrmak boýunça organ alyp barýar, barlag laboratoriýalara olaryň geçirilmesini tabşyran. Tehniki kompetentligine we garaşsyzlygyna barlag laboratoriýalary akkreditirlemekde oňa goşmaça dokumentiň 1 formasy boýunça akkreditasiýa attestaty berilýär, diňe tehniki kompetentligine akkreditirlemekde – goşmaça dokumentiň 2 formasy boýunça. Akkreditasiýa attestatyň täsir wagty 5 ýyldan geçmeli däldir. Akkreditirlemekde barlag laboratoriýanyň (goşmaça dokument 3) synalýan önümiň we normatiw dokumentleriň atlaryny görkezmek arkaly, akkreditasiýa çägi bellenýär.

Düzgün bilen bellenilen, akkreditasiýanyň talaplary önümleriň synaglarynyň hemme görnüşleri üçin umumy bolup durýarlar, zerur bolsa konkret barlag laboratoriýalary akkreditirlemekde başga talaplar bilen doldurylyp bilerler, şol laboratoriýalaryň aýratynlyklaryndan ugur alyp.

Akkreditirlenen laboratoriýalaryň akkreditasiýasyny we inspeksion gözegçiligini Türkmenistanyň Esasy döwlet inspeksiýasy taýýarlaýjylaryň, alyjylaryň jemgiýetiniň wekilleri bilen bilelikde gurnaýarlar. Inspeksion gözegçiligiň geçirilme tertibini we şertlerini akkreditasiýa hakynda kabul edilen çözgüt bilen bir wagtda bellenýär, gözegçilik akkreditasiýanyň attestatynyň umumy hereket edýän wagtynyň dowamynda amala aşyrylýar.

Akkreditirlenen barlag laboratoriýa resminamanyň esasynda taýýarlanylan "Barlag laboratoriýalaryň düzgünnamasy" bilen laýyklykda öz işini amala aşyrýar. "Düzgünnama" laboratoriýalaryň hukuklaryny, borçlaryny,

jogapkärligini we onuň işiniň beýleki aspektlerini kesgitleýär.

Status, guramaçylyk struktura, administratiw guramaçylyk we işçileriň zähmediniň töleg ulgamy kommersiýa, finans, administratiw ýa-da haýsyda bolsa başgalaboratoriýa ýa-da personalyna täsiriniň mümkinçiligini döretmeli däldirler. Olar geçirilýän barlaglaryň netijelerine täsir edip bilerler.

**Laboratoriýanyň borçlary.** Akkreditirlenen laboratoriýanyň statusy bilen delillenen borçlydyr:

- Bu dokument bilen tasykklanan,akkredittasiýanyň talaplarya laýyklygy hemişe saklamak;
- Barlaglaryň netijeleriniň obýektiwliligini we talap edilýän dogrulygyny üpjün etmeli;
- Sertifkatlaşdyrmak maksady üçin,taýýarlaýjynyň sertifisirlenýän önümi anyk identifisirlenen nusgalaryny barlamaga kabul etmek;
- Akkreditasiýa çägine girýän, görkezijiler boýunça akkreditasiýa hakynda habar bermek;
- Barlaglaryň netijeleri boýunça hemme görkezilen talaplaryň hasabatyny alyp barmak;
- Önümleriň barlaglarynyň geçirilşini laboratoriýa tabşyran,organlary habar edip durmak we degişli döwlet gözegçilik organlara barlaglaryň otrisatel netijeleri hakynda habar edip durmak;
-Akkreditasiýa attestatynyň täsir wagtynyň geçmegi boýunça akkreditirlenen laboratoriýanyň hukuklaryny ulanmaly däl;
- Inspeksion gözegçiligi bilen baglanyşykly çykdaýjylary wagtly wagtynda tölemeli;

Türkmenistanyň standartlasdyrmak boýunça döwlet ulgamyna bolan gatnaşygy boýunça laboratoriýanyň borçlary:

- Laboratoriýanyň akkreditasiýanyň talaplaryna laýyklygyna we barlaglar boýunça işleriň geçirilmegine

gözegçilik etmek üçin degişli jaýlara geçmegi üpjün etmek, içki laborator barlaglarynyň netijeleri bilen tanyşmak mümkinçiligi döretmek, barlaglaryň geçirilmesiniň hiline gözegçilik etmek;

- Akkreditirlenen laboratoriýalary ýa-da umuman ulgamyň döwletara ykrar edilmegi boýunça işleriň geçirilmesine ýardam etmek;

- özüniň tehniki kompetentliligini tassyklamak üçin gözegçilik barlaglary geçirmek;

- tabşyryjynyň razyçylygy boýunça, zerur bolanlygynda barlanýan önümiň nusgalaryny olaryň başga laboratoriýalarda deňeşdirme barlaglaryny geçirmekligi mümkinçilik bermeli;

- Türkmenistanyň Esasy döwlet inspeksiýasyna barlaglaryň netijeleriniň ýalňyşlygyna, obýektiwliligine we dogrulygyna täsir edip biljek, statusynda, strukturasynda, tehniki üpjünçiliginde, standartlarda we beýleki dokumentlerde üýtgeşmeler hakynda habar berip durmak;

- Özüniň işi hakynda hasabatlary bermek;

- Töleg taraplaryň şertnamasy boýunça geçirilmeli.

Tabşyryja gatnaşygy boýunça akkreditirlenen laboratoriýanyň borçlary:

- tabşyryja geçirilýän barlaglara gözegçilik etmäge mümkinçilik bermek;

- barlaglaryň geçirilmesiniň bellenen wagtyny berjaý etmek;

- tabşyryja barlaglaryň bir bölegini başga akkreditirlenen laboratoriýada geçiriljekdigini habar bermeli we olar diňe onuň razyçylygy bilen geçirilmelidir. Barlaglaryň bir böleginiň başga laboratoriýada geçirilmesinde borçlary- barlag laboratoriýa başga laboratoriýalaryň kompetentliligi hakynda maglumatlary saklamaga we registrirlemäge borçludyr, şeýle hem, hemme geçirilýän işleriň

registrasiýasyny alyp barmalydyr.Akkreditirlenen laboratoriýanyň ýolbaşçysy barlaglaryň netijeleriniň dogrulygyna we obýektiwliligine jogapkär. Diňe tehniki kompetentliligine akkreditirlenen laboratoriýa bilen sertifikatlaşdyrma maksady üçin barlaglar geçirilende, barlaglaryň protokollary, şeýle hem, sertifikatlaşdyrma boýunça organyň wekilleri gol çekýärler.

**Barlag laboratoriýalaryň akkreditasiýasynyň tertibi.**

Türkmenistanyň ″Önümleriň we hyzmatlaryň sertifikatlaşdyrylyşy baradaky″ kanunalaýyklykda, ýurdumyza getirilýän we ýurdumyzdan äkidilýän önümleriň ählisi sertifikatlaşdyrylmaga degişli edilýär. Sertifikatlaşdyryljak önümleriň, hyzmatlaryň, standartlaryň we beýleki kadalaşdyryjy tehniki resminamalaryň talaplaryna laýyk gelýändigini anyklamak üçin Türkmenistanyň döwlet sertifikatlaşdyryş ulgamyna laýyklykda, önümleri synag ediş işlerini geçirmeli bolýar. Munuň üçin bolsa, bellenilen tertipde attestatlaşdyrylan we akkredetirlenen Tejribehanalar zerurdyr.

Tejribehanany akkreditirlemek onuň ukyplylygyny resmi taýdan ykrar etmekdir. Başgada aýdylanda, ol takyk önümi ýa – da synagyň takyk görnüşlerini standartlaryň we beýleki kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyklykda synag etmäge tehniki taýdan başarnyklylyga eýe bolýar. Islendik barlaghana öz pudaklaýyn aýratynlygyna we eýeçilik görnüşlerine garamazdan, akkreditirlenip bilner.

Tejribehanany akkreditirlemegiň düzgünleri we tertibi TDS 1.2.02 – 93 ″ Sertifikatlaşdyryş ulgamy. Synag Tejribehanasyna bildirilýän talaplar we olaryň akkreditirleniş tertibi″ standartyna bellenilýär. Akkreditirlenmäge isleg bildirýän Tejribehana görkezilip geçiljek talaplary odemelidir, ýagny:

- resmi statusy bolmaly;

- hil üpjünçilik ulgamyny öz içine alýan guramaçylyk gurluşy bolup, ol ykrar edilen tehniki wezipeleri kanagatlanarly derejede ýerejede ýerine ýetirmäge mümkinçilik bermeli;
- göz öňünde tutýan derejesinde ykrar edilmegi üçin, öz ukyplylygyna, synag geçirmegi başaryşyna baha berjek aýry – aýry adamlaryň, guramalaryň öňünde özüni görkezmäge ukyply bolmaly;
- işgärleriň dogry netije çykarmaklaryna, karara gelmeklerine täsir edip biljek gysylmak, zör salynmak mümkinçiligi aradan aýrylmaly;
- her bir işgäri öz hukuklary we borçlary hakynda baharly etmeli;
- barlaghananyň öňünde durýan tehniki wezipeleriň ýerine ýetirilişine jogap berýän ýolbaşçysy bolmaly;
- eýeçilik hukuklaryň we gizlin habarlaryň goragyny üpjün etmek barada degişli howpsyzlyk düzgünleri we çäreleri bolmaly.

Eger – de barlaghana agzalyp geçilen talaplary odeýän bolsa, ol akkreditirleýiş işini geçirmek üçin TDS 12.02 – 93 formada bellenilen tertipde ″ Türkmenstandartlary″ Baş döwlet gullugyna, onuň ýerli edarasy bilen deslapky ylalaşylan ýagdaýda talapnama berýär.

Talapnamanyň ýany bilen: akkreditirleýiş ugurlary ( TDS 1.2.02 – 93(3 goşmaça).″Akkreditirlenen barlaghanalar hakynda″ Düzgünnamanyň taslamasy (TDS 1.2.02 – 93(4 goşmaça)Tejribehananyn pasporty (TDS 1.2.02 – 93(.1 – 6 formalar).Synag tejribehanasynyn ýagdaýyny gysgaça suratlandyrýan düşündiriş haty ýaly resminamalar iberilýär.

Hödürlenen resmi iş kagyzlary ekspertiza edilenden soň, akkreditirleýiş işini geçirmek barada karar edilýär we Tejribehanany attestatlaşdyryş topary düzülýär Tejribehana akkreditirlenenden soň, sertifikatlaşdyryş ulgamynyň döwlet reýestriw girizilýär we öňa akkreditirleýiş attestaty berilýär.

Akkreditirleýiş attestatynyň hereket edýän mohletiniň tamamlanmagyna alty aý möhlet galanda, akkreditirleýiş möhletini uzulmaga işleg bildirýän barlaghana degişli edara talapnama we onuň ýany bilen görkezilip geçilen resminamalary ugradýar. Laboratoriýanyň ýolbaşçylygy wagtal-wagtal hilini üpjün edýän sistamany onuň amatlylygy ýa-da üýtgeşmeleri girizmek maksady bilen içgi barlary geçirip durmalydyr. Akkreditasiýa şeýle etaplary göz öňünde tutýar:

- Laboratoriýa bilen görkezilen dokumentleriň ekspertizasy;
- Komissiýa bilen laboratoriýanyň attestirlenmegi;
- Attestasiýanyň netijeleri boýunça akkreditasiýa hakynda çözgüdi kabul etmek;
- Akkreditasiýa attestatyny taýýarlamak registrirlemek we bermek. Barlag laboratoriýa Türkmenistanyň standartlasdyrmak döwlet ulgamyna akkreditasiýa zaýawka berýär. Ony öňünden territorial organlar bilen ylalaşyp, zaýawka bilen birlikde şeýle dokumentler ugradylýar:
- Akkreditasiýanyň mälim edilýän çägi bilen „akkreditlenen barlag laboratoriýa hakynda düzgünnamasynyň“ taslamasy (priloženiýe 3);
- Laboratoriýanyň pasporty (priloženiýe 7) (1- 6 formalary goşýar);
- Barlag laboratoriýanyň işini gysga görkezmek bilen düşündiriş haty. Görkezilen materiallaryň ekspertizasiýasynyň geçirilmesinden we akkreditasiýa boýunça işleriň dowamy hakynda çözgüdiň kabul edilmesinden soň laboratoriýasynyň barlanmasy boýunça komissiýa döredilýär. Komissiýanyň düzümine taýýarlaýjylaryň (tabşyryjylaryň), alyjylar jemgyýetiniň, ylmy-barlag edaralaryň we Türkmenistanyň Esasy döwlet inspeksiýasynyň territorial organlaryň wekilleri girýär. Komissiýanyň düzümi tassyklanýar we laboratoriýanyň komissiýadaky ekspertleriň dykgatyna ýetirilýär. Barlaglaryň

hiline gözegçilik etmek maksady bilen attestasiýa geçirilme prosesinde barlanýan önümiň bir we birnäçe görkezijilerini kesgitlemek boýunça eksperiment geçirilmelidir. Eksperiment iki ýol bilen geçirilip biler:

**Bir tarapdan** akkreditirlenen laboratoriýada we başga garaşsyz akkreditirlenen laboratoriýada önümiň deňeşdirme barlaglary geçirmek arkaly;

**Beýleki tarapdan** barlaglaryň netijelerini protokola geçirmek arkaly (goşmaça maglut boýunça);

Attestasiýanyň netijeleri boýunça priloženiýe 10 formasy boýunça düzýär, ol komissiýanyň agzalary bilen gol çekilýär we tanyşmak üçin laboratoriýanyň ýolbaşçysyna berilýär. Akkreditirlenen laboratoriýa ulgamyň Döwlet Reýestre geçirilýär we oňa akkreditasiýa attestaty berilýär. Akkreditasiýa attestatynyň hereket etme wagtynyň tamamlanmasyna çenli alty aý öň, wagtyny uzaltmakçy laboratoriýa, şu dokumentiň p.4.2. laýyk zaýawka ugradýar. Gaýta akkreditasiýanyň düzgüni inspeksion gözegçiligiň netijelerine baglylykda bellenýär we doly ýa-da gysgaldylan düzgün boýunça geçirilip bilner.

Goşmaça çäklerde akkreditasiýa. Özüniň akkreditasiýa çägini giňeltmäge bäsleşýän, akkreditirlenen laboratoriýa goşmaça çäginde (priloženiýe formasy boýunça) akkreditasiýa zaýawka ugradýar. Zaýawkanyň ýany bilen goşulýar:

- akkreditasiýanyň goşmaça çägi hakynda maglumatlar (priloženiýe 3 formasy boýunça);
- pasporta goşmaça (priloženiýe 7 formasy boýunça).

Akkreditirlenen laboratoriýanyň işine inspeksion gözegçilik. Inspeksion gözegçilik şeýle ýollar arkaly amala aşyrylyp bilner:

- Laboratoriýanyň işini wagtal-wagtal ýerliginde barlanmagy arkaly;

- Akkreditirlenen laboratoriýada, Türkmenistanyň Esasy döwlet inspeksiýasynyň bellän wekiliniň bolmagynda;

- Laboratoriýa bilen geçirilýän barlaglaryň hili hakynda wagtal-wagtaldan habar bermek;

- Deňeşdirme barlaglar hakynda maglumatlar, barlaglaryň hilini üpjün etmek ulgamyň içki gözegçiliginiň netijeleri hakynda, laboratoriýanyň müşderileriniň arzalary hakynda maglumatlar;

- Alyjylar jemgyýetinden, söwda inspeksiýasynda we beýleki edaralardan, önümiň hiline gözegçilik edýän, maglumatlary ýygnamak we derňemek;

- Akkreditirlemekde taslamalaryň laýyklygyny hemişe üpjün edýän akkreditasiýa attestatynyň hereket edýän wagtynyň dowamynda laboratoriýa oňa ynamlylygyny üpjün edýän gözegçilik häsiýetli haýsy-da bolsa başga hereketler. Her konkret laboratoriýa üçin inspeksion gözegçiligiň şertleri laboratoriýanyň akkreditirlemek boýunça çözgütler kabul edilende kesgitlenýär.

**Bellik** – seredilýär dokumentde inspeksion gözegçiligi diýip p.5.1. laýyklykda hereketleriň gözegçilik usullarynyň sanawy, ekspertleriň laboratoriýa gelmeginiň sany (ýylyň dowamynda), inspeksion gözegçiliginiň bahasy we beýlekiler düşünilýär.

Laboratoriýanyň akkreditasiýa attestatynyň anulirlenmegi. Laboratoriýanyň akkreditasiýasy wagtyndan öň gadagan edilmesi şeýle ýagdaýlarda bolup biler:

- akkreditirlenen laboratoriýalara edilýän talaplara laboratoriýany laýyk dälligi;

- akkreditasiýa hereketiniň wagtyndan öň bes edilmesi hakynda akkreditirlenen laboratoriýanyň özbaşdak çözgüdinden;

Laboratoriýa 15 günüň dowamynda akkreditasiýanyň hemme soraglar boýunça çözgüdini Türkmenistanyň Esasy

döwlet inspeksiýasynyň apelýasiýa boýunça Komissiýasynda närazylyk bildirip biler.

**Bellik:** akkreditasiýa pursadyna garaşsyz akkreditirlenen laboratoriýanyň ýoklugynda komissiýa deňeşdirme barlaglary mümkinçiligi, şertlerini, şeýle hem geçiriljek ýerini kesgitleýär.

Tehniki kompetenti. Guramaçylyk we dolandyryş. Eger-de akkreditirlenýän barlag laboratoriýa özi ýurid sany bolup durmaýan bolsa, ýurid sany bolup durýan guramaçylygyň ýa-da kärhananyň düzümine girýär, şonda ol bu guramaçylygyň ýa-da kärhananyň struktur bölümi bolýar. Laboratoriýanyň her işkäri özüniň konkret işini bilmelidir we jogapkärli bolmalydyr. Laboratoriýada kodyň we barlaglaryň netijeleriniň barlanma ulgamy göz öňünde tutulan bolmalydyr.

Laboratoriýanyň personaly. Akkreditirlenen laboratoriýanyň personalynyň düzümi görkezilen önümiň barlagyny geçirilmesini we professional taýyndan taýýar we akkreditasiýa çäginde tejribeli hünärmenleri girizilmegini üpjün etmelidir. Her hünärmen üçin funksiýalary, borçlary, hukuklary we jogapkärçiligi, tehniki bölümine we iş tejribeligine talaplary belleýän, wezipelik instruksiýasy bolmalydyr. Barlaglaryň geçirilmesinde gös-göni gatnaşýan işkärler, bellenilen tertipde attestasiýa geçmelidir.

Otaglar we daş töwerek gurşawy. Barlag geçirilýän daş-töwerek gurşawy şertleri, barlaglaryň netijelerine we ölçegleriň dogrulygyna täsir etmeli däldir. Barlag geçirmek üçin otaglar önümçilik meýdany we TDS 1.2. 02. 93 (temperatura, çyglyk, howanyň arassalygy, ýagtylyk, ses we wibroizolýasiýa, magnit, elektrik we beýleki fiziki meýdanynyň şöhlelerinden goramak, elektrik energiýasy, suw, howa, ýylylyk, sowadyjy agent bilen üpjünçiligi we beýlekiler), barlaglaryň ulanylýan usul gollanmalaryň talaplary, sanitar kadalary we daş-töweregi goramak we

zähmetiň howpsuzlygynyň talaplary boýunça laýyk gelmelidir. Barlag geçirilýän ýere geçmeginiň ygtyýaryny gözegçilik edip durulmalydyr, şeýle hem şu laboratoriýanyň personalyna degişli-däl adamlaryň geçirilme şertleri kesgitlenen bolmalydyr. Otaglarda bellenen tertibi üpjün etmek boýunça profilaktiki çäreleriň ulanylmasy we olaryň wagtal-wagtal arassalanmasy zerurdyr. Laboratoriýalaryň otaglarynda personal we gelýänler üçin ýörite eşik bolmalydyr.

Barlag enjamlar we ölçeg serişdeleri. Barlag laboratoriýa, barlag geçirmek üçin zerur enjamyna akkreditasiýa çägi bilen kesgitlenen parametrleriň ölçeg serişdelerine eýe bolmalydyr. Barlag enjamy we ölçeg serişdeler barlag usullaryna normatiw dokumentleriniň talaplaryna laýyk gelmelidir, şeýle hem olaryň laýyklylygyna laboratoriýalar akkreditirlenmelidir. Zerur bolanda barlanan attestirlenen enjamyň we ölçeg serişdeleriň başga kärhanalarda şertnama boýunça ulanmak mümkinçiligi göz öňünde tutulmalydyr. Bütin enjam we ölçeg serişdeler olaryň bitewiligini we özünden zaýalanmasyndan goramagyny üpjün edýän şertlerde saklanmalydyr. Wagtal-wagtal tehniki hyzmatyny talap edýän, enjamlar üçin, tehniki hyzmaty boýunça instruksiýalar we grafikler işläp taýýarlanan bolmalydyr, şeýle hem barlag grafikleri. Bozuk enjamlar we ölçeg serişdeler ulanmakdan aýrylmalydyr we olaryň özleriniň funksiýasyny ýerine ýetirip bilmejegini görkezmelidir (etiketlandyrylmalydyr). Barlag enjamyň we ölçeg serişdeleriň her biri registrirlenen bolmaly. Registrasiýa dokumenti (list, karta we beýlekiler) her birine şeýle maglumatlary girizilen bolmalydyr:

- atlandyrylyşy we görnüşi;
- taýýarlaýjy – kärhana (firma), tip (marka), zawod we inwentar nomeri;

- taýýarlanan wagty, alynan we ulanmaga girizilen wagty;

- satyn alnanda ýagdaýy (täze, ulanmakda bolan, bejerilişden soň we ş.m.);

- ýerleşýän ýeri (zerur bolanda);

- bozuklar, bejerilme we tehniki hyzmaty hakynda maglumatlar;

- barlaglar hakynda maglumatlar.

Barlag enjamy we ölçeg serişdeler attestasiýa we barlag bilen üpjün edilen bolmalydyr, şeýle hem bejerilme mümkinçiligi bilen, laboratoriýada attestasiýanyň we barlagyň ulanylýan tertibi dokumentleşdirilen bolmaly. Abzallaryň barlanma tertibi, hereket edýän NTD bilen bellenen talaplaryna laýyk gelmelidir.

Tehniki dokumentasiýasy we tertibi. Akkreditirlenen barlag laboratoriýa degişli aktnalizirlenen dokumentasiýasyna eýe bolmalydyr, oňa şeýle girmelidir:

- Barlanýan önüme we usullaryna tehniki talaplary belleýän dokumentler – standartlar we tehniki hyzmaty, şonuň içinde döwlet ara standartlar (kadalar, tehniki hödürnamalar we ş.m.);

- Seredilýän akkreditirlenen laboratoriýada berklenen önümiň barlanmagynyň geçirilme usulyny we meýilnamasyny tassyklaýan dokumentler.

- Barlagyň standartlaşdyrylmadyk usullary laboratoriýada bellenen tertipde attestirlenen bolmaly;

- Barlag enjamy we ölçeg serişdeleri derekli ýagdaýda saklanmasyny üpjün edilmesine degişli dokumentler: ulanylýan serişdeleriň we barlag enjamynyň attestasiýasynyň barlanmasynyň grafikleri, olara paspotlar, şeýle standartlaşdyrylmadyk ölçeg serişdeleriň barlaglarynyň usullary, ulanylýan ölçeg serişdelere ulanylýan ekspluatasion dokumentasiýa;

- Barlaglaryň netijelerini we maglumatlary saklaýan sistemany kesgitleýän, dokumentler (protokollar, iş žurnallar, hasabatlar we ş.m.).

Laboratoriýada aktualizasiýanyň we bellenen ýerde instruksiýalaryň, NTD, gollanmalaryň we beýleki dokumentleriň bolmagyny üpjün edýän, barlagyň hilini, tehniki howpsuzlygynyň üpjünçiligi bilen baglanyşykly, tertipler dokumentleşdirilen we bellenen bolmaly. Hemme hasaplamalar we barlagyň maglumatlarynyň tabşyrylmagy degişli barlagdan geçmelidir. Egerde barlaglaryň netijeleri maglumatlaryň elektron işläp taýýarlamak ulgamy arkaly alynan bolsa, onda ulgamyň ygtybarlygy olaryň gyşarma mümkinçiligini ýok etmelidir. Degişli çäreleri görmek üçin hasaplamalaryň ýerine ýetirilýän wagty ulgam hasaplaýan enjamyň bozuklaryny ýüze çykarylma mümkinçiligine eýe bolmalydyr.

## Hili üpjün edýän ulgamy

Barlag laboratoriýa özüniň ýerine ýetirýän işleriniň göwrümine laýyklykda, hilini üpjün edýän ulgamy eýe bolmalydyr. Işleriň hiline jogap berýän adamy ýa-da adamlary belleýärler. Hilini üpjün edýän ulgamyň elementlerine dokumentasiýasy "Hil boýunça gollanma" girizilen bolmaly, ony laboratoriýanyň personaly ulanýar, "Hil boýunça gollanma" ISO/MEK 49 gollanmanyň talaplaryna laýyk gelmelidir we laboratoriýanyň we barlaglar boýunça işleriň gurnalmasynyň kompleks ýazgysyny tutmalydyr. Egerde haýsy-da bolsa maglumat "Hil boýunça gollanma" girizilmän, beýleki dokumentlerde görkezilen bolsa, onda bu ýagdaýda "Hil boýunça gollanmada" şol dokumentlere ugrukdyryjy maglumat bolmalydyr. Laboratoriýanyň ýolbaşçylygy wagtal-wagtal hilini üpjün edýän ulgamy onuň amatlylygy ýa-da üýtgeşmeleri girizmek maksady bilen işçi barlaglary geçirip

durmalydyr.Ulgamyň esasy elementleri barlaglaryň netijelerine içki we daşky gözegçiligi bolup durýar. Içki barlag labaratoriýanyň ýolbaşçysy ýa-da işiň hilini üpjün edýän jogapkär adam bilen amala aşyrylýar. Daşky barlag ýokarda duran gurama bilen amala aşyrylýar. Daşky barlagyň ýokluk eden wagty labaratoriýanyň arasynda barlag geçirilýär,labaratoriýanyň arasyndaky barlag şol nusganyň barlagynyň geçirilmesi arkaly akkreditirilenen labarotoriýalarda amala aşyrylýar. Barlanýan önümler. Önümleriň nusgalaryny bellemek ulgama barlag üçin niýetlenen,dokumentirlemek we markirowka arkaly amala aşyrylýar. Önümleriň gelýän nusgalary tehniki dokumentasiýa laýyklykda identifisirlenen bolmaly we degişli adamlar bilen gol çekilen aktlar üpjün edilen bolmaly. Aýratyn şertlerde nusgalary saklamak zerurçylygynda,şeýle şertler bilen üpjün edilmelidir,şeýle hem saklanma şertleriniň gözegçiligiň tertibi we düzgüni bellenilmelidir,olar hem labarotoriýada bellenen tertipde dokumentleşdirlen bolmalydyr. Barlaga gelýän önümleriň nusgalarynyň kabuledilmesiniň, saklanmasynyň yzyna gaýtarylmasynyň, utilizasiýasynyň we aýyrylmasynyň kadalary bellen bolmaly. Barlaglaryň netijelerini registrirlemek we dokumentleri saklamak. Barlag laboratoriýa barlaglaryň netijelerini registrirleýän ulgama eýe bolmalydyr. Ol ulgam ilkinji ölçegleriň we olaryň yzarlanşynyň registrasiýasyny üpjün edýär, hasaplamalaryň we beýleki maglumatlaryň registrasiýasy; nusgany alan, ony barlaga taýýarlan we barlagy geçiren adamlar hasaba alynylmalydyr; barlaglaryň ussularyna enjamyň tehniki hyzmatynyň we gözegçiliginiň hasabatlaryny, şeýle hem barlag hakynda registrirlenen maglumatlary tutýan dokumentasiýalaryň saklanma ulgamy. Barlaglar hakynda registrirlenen maglumatlaryň mazmuny we göwrümi, saklanmak üçin niýetlenen, barlaglaryň netijelerini olaryň

gaýtadan geçirilmesinde deňeşdirmek mümkinçiligini üpjün etmelidir. Dokumentleriň saklanma wagtlaryny we şertleri dokumentleşdirilen bolmaly. Barlaglaryň netijeleri bilen dokumenleriň howpsyzlygy çäklenmeýär. Registrasiyanyň hemme stadiýalarynda dokumentirlemegiň we barlaglaryň netijeleriniň bermekleriniň (düzedişleriň bolmazlygy,golaryň idendifikasiýasy) ýuridiki kanunlary üpjün etmeli.

## Howply önümçilikler, işler we halk hojalygynda olar bilen baglanşykly işiň beýleki görnüşleri üçin döwlet tarapyndan ygtyýarnama bermek hakynda d ü z g ü n n a m a

**1.**Şu düzgünnama howply önümçilikler, işler we Türkmenistanyň halk hojalygynda olar bilen baglanşykly işiň beýleki görnüşleri üçin döwlet tarapyndan ygtyýarnama bermegiň tertibini düzgünleşdirýär.

**2.**Ygtyýarnamany "Türkmenstandartlary" Baş döwlet gullugy we onuň welaýatlardaky edaralary berýär.

"Türkmenstandartlary" Baş döwlet gullugy Türkmenistanda ýaşaýan şahsy adamlaryň , onda ýerleşýän, eýeçiligiň we hojalygy ýöretmegiň ähli görnüşlerindäki kärhanalaryň hem-de guramalaryň, şeýle hem howply önümçilikleri taslamak bilen meşgullanýan kärhanalaryň işine ygtyýarnama berýär.

**3.**Ygtyýarnama (№1 goşundy) edara görnüşindäki tarapyň ýa-da şahsy adama 3 ýyl üçin berilýär. Berlen ygtyýarnama ygtyýarnamalary bermegiň we hasaba almagyň kitabynda (№2 goşundy) bellige alynýar.

**4.**Edara görnüşindäki tarap ýa-da şahsy adam ygtyýarnamany almak üçin bellenilen görnüşde arza (№3 goşundy) berýär. Arza diňe №3, goşundyda sanalyp geçilen

resminamalar bolan halatynda garamaklyga kabul edilýär.

**5.**Ygtyýarnamalary bermek üçin "Türkmenstandartlary" Baş döwlet gullugynda ekspert komissiýalary döredilýär.

Ekspert kommisiýasy ygtyýarnamanyň berilmegi hakyndaky arza onuň berlen gününden başlap iki hepdäniň dowamynda garaýar.

**6.**Ekspert komissiýanyň işiniň netijeleri boýunça ygtyýarnama bermek mümkinçiligi hakynda ýa-da ony bermekden boýun gaçyrmak barada delillendirilen, netijenama düzülýär. Ekspert komissiýasynyň netijenamasyna onuň ähli agzalary gol çekýär.

**7.** Ygtyýarnamany bermek ýa-da ony bermezlik baradaky çözgüt sebäplerini görkezip ekspert komissiýasynyň netijenama gol çeken gününden başlap 5 gün möhletde arza ýazmaça görnüşde iberilýär.

**8.** Ygtyýarnamany bermezlige esas bolup:

- berlen resminamalaryň şu Düzgünnamanyň talaplaryna laýyk gelmezligi;
-edara görnüşindäki tarap ýa-da şahsy adam hakynda ygtybarsyz maglumatlaryň görkezilmegi hyzmat edip biler;

**9.**"Türkmenstandartlary" Baş döwlet gullugynyň edaralary Türkmenistanyň kanunçylygynyň ýüze çykarylan bozulmalary baradaky materiallar esasynda ygtyýarnamanyň hereketini togtadyp bilerler. Ýüze çykarylan ýetmezçilikler doly düzedilenden soň ygtyýarnamanyň hereketi dikeldilip bilner.

**10.**Ygtyýarnama: şu Düzgünnamanyň talaplarynyň bozulmagy bilen berlende edara görnüşindäki tarap ýa-da şahsy adam amala aşyrýan işinde Türkmenistanyň kanunçylygyny bir ýylyň dowamynda gaýtadan ýa bolmasa bir gezek gödek bozanda; kärhana ýa-da raýat öz işiniň "Türkmenstandartlary" Baş döwlet gullugynyň edaralary tarapyndan ekspertizadan

geçirilmeginden hem-de gözegçilik edilmeginden boýun gaçyrylandyr; kärhana ýa-da raýat ygtyýarnama berilýän ugurlarda öz işini bes edende ýatyrylýar.

**11.**Işiň her bir görnüşine ygtyýarnama berilendigi üçin:

**a)** Türkmenistanyň kärhanalarynda-iň az iş hakynyň üç essesi;

**b)**Türkmenistanyň raýatlaryndan-iň az iş hakynyň birine barabar;

**ç)** Daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagyndaky kärhanalardan iň az iş hakynyň üç essesi möçberinde ýygym alynýar.

Ygtyýarnamanyň berlendigi üçin ýygymlar Türkmenistanyň Merkezleşdirilen býudjetine geçirilýär.

**12.** Ýitirlen ygtyýarnamanyň deregine dublikatyň berilmegi ýa-da berlen ygtyýarnamanyň hereket edýän möhletiniň uzaldylmagy üçin şu Düzgünnamanyň 11-nji bendinde bellenilen möçberlerde ýygym alynýar.

**13.** Ygtyýarnamany bermekden boýun gaçyrylmagy, onuň hereketiniň togtadylmagy, şeýle hem ygtyýarnamanyň ýatyrylmagy barada kazyýet tertibinde şikaýat edilip bilner. Önümiň sertifikasiýasy- munuň özi önümiň bellenilen talaplara laýyk gelýändigini subut etmek-tassyklamak barada geçirilýän işdir. Sertifikasiýa aşakdaky maksatlar üçin amala aşyrylýar: Türkmenistanyň bir bütewi haryt bazarynda kärhanalaryň edaralaryň, guramalaryň we telekeçileriň iş alyp barmagy üçin, şeýle hem halkara ykdysady, ylmy-tehniki hyzmatdaşlyga hem-de halkara söwdasyna gatnaşmak üçin şert döredýär. alyjylaryň önümi akylly-başly saýlap almagyna ýardam etmek; alyjynyň betniýet taýýarlaýjydan (satyjydan, ýerine ýetijiden) goramak; önümiň daşky gurşawy üçin, adamlaryň jany we saglygy hem-de emlägi üçin howpsuzlygyna gözegçilik etmek; önümiň hil görkezjileriniň taýýarlaýjynyň zaýawka berşine laýyk gelýändigini tassyklamak. Önümiň sertifikatlaşdyrylşy baradaky döwlet

edarasy öz işini guramalar we kärhanalar bilen hojalyk hasaplaşygy esasynda alyp barýar, şolar bilen birlikde önümleriň we hyzmatlaryň sertifikasiýa fonduny döredýär, bu fonduň serişdelerine bolsa salgyt salynmaýar.

Sertifikasiýa baradaky edara:

-önümi sertifikasiýalaýar we sertifikat berýär;

-öz beren sertifikatlaryny togtadýar we ýatyrýar;

-zaýawka berijiniň talap etmegine görä, oňa öz ygtyýarlygynyň çäklerinde zerur maglumatlary (informasiýalary) berýär.

Degişli sertifikasiýa ulgamy arkaly bellenen tertipde attestasiýadan geçirilen we bellenen (akkreditirlenen) synag laboratoriýalary (merkezleri) anyk önümleri synagdan geçirýär ýa-da synaglaryň anyk görnüşlerini amala aşyrýar hem-de sertifikasiýa maksatlary üçin synag protokollaryny berýär. Türkmenistanyň territoriýasynda ýerlenilýän önümi taýýarlaýjylar (satyjylar, ýerine ýetirijiler) aşakdakylara borçludyrlar:

-şol önümi diňe ygtyýarly edilen edaranyň beren ýa-da ykrar eden sertifikaty bar mahalynda ýerlemäge;

-kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk getirmek üçin sertifikasiýalanan önüm ýerlenilende, şol önümiň şol kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk gelmegini hem-de onuň bellenen tertipde laýyklyk nyşany bilen belgilenmegini üpjün etmäge;

-ýany bilen berilýän tehniki dokumentasiýada önümiň laýyk gelmegi sertifikasiýalar we normatiw aktlar hakyndaky maglumatlary görkezmäge hem-de şol maglumatyň sarp edijiniň (alyjynyň, zakazçynyň) dykgatyna ýetirilmegini üpjün etmäge;

-kadalaşdyryjy resminamalaryň talaplaryna laýyk getirmek üçin ozal sertifikasiýalanan önüm şol talaplara laýyk gelmeýän bolsa-sertifikatyň möhleti geçenden soň ýa-da

sertifikatyň güýji sertifikasiýa baradaky organyň karary bilen togtadylan ýa-da ýatyrylan bolsa-ony ýerlemegi togtatmaga ýa-da bes etmäge;

-önümiň sertifikasiýasyny amala aşyrýan hem-de sertifikasiýalanýan önüme gözegçilik edýän organlaryň wezipeli adamlarynyň öz ygtyýarlaryny bökdençsiz ýerine ýetirmeklerini üpjün etmäge;

-sertifikasiýalanan önümiň tehniki dokumentasiýasyna ýa-da ony jerime salmaga, ykdysady temmi bermäge;

-metrologiýa attestasiýasyny geçirmäge hem-de ölçeg gurallaryny barlamaga; -ölçeg gurallaryny taýýarlamak, barlamak, bejermek, satmak kireýine (prokata) bermek işini ygtyýar bermäge (lisenziýalaşdyrmaga);

-harytlaryň gaplanylşyna, ölçeg gurallaryň dolanyşyga goýberilşine, ýagdaýyna hem ulanylşyna, metrologik normalaryň we kadalarynyň berjaý edilişine gözegçilik etmäge;

-sertifikasiýa baradaky edaralary we synag laboratoriýalaryny (merkezlerini) bellemek (akkreditirlemek) hem-de olara işleriň belli bir görnüşini geçirmek üçin lisenziýa bermäge;

-sertifikasiýa gatnaşýanlaryň we obýektleriniň döwlet reýestrini ýöretmäge; -daşary ýurt sertifikasiýalaryny, laýyklyk nyşanlaryny we synaglaryň netijelerini ykrar etmek kadalaryny bellemäge;

-sertifikat baradaky edaralary, synag laboratoriýalaryny (merkezlerini) bellemek hem-de sertifikasiýa boýunça iş geçirmek üçin ygtyýarnama (lisenziýa) bermek kadalaryny bellemäge;

-sertifikasiýa kadalarynyň berjaý edilişine hem-de sertifikatlaşdyrylan önüme döwket gözegçiligini etmäge;

-sertifikasiýa meseleleri baradaky şikaýatlara garamaga;

-sertifikatlar hem-de laýyklyk nyşanlaryny peýdalanmak üçin lisenziýa bermäge;

Eger sertifikasiýa baradaky beýleki edaralaryň neşir eden resminamalary döwlet sertifikasiýa ulgamynyň talaplaryna ters gelýän bolsa, onda şol resminamalary ýatyrmak ýa-da olaryň güýjüni togtatmak barada görkezme bermäge.

Önümiň sertifikasiýasy baradaky döwlet edarasy aşakdakylara borçludyr:

-Türkmenistanyň kanunlaryny, kärhanalaryň we raýatlaryň kanun arkaly goralýan hukuklaryny we bähbitlerini berjaý etmäge;

-standartlaryň we beýleki kadalaşdyryjy tehniki resminamalaryň talaplaryny kärhanalaryň we raýatlaryň berjaý edişine döwlet gözefçiliginiň netijeli amala aşyrylmagyny üpjün etmäge.

## Sertifikatlaşdyrmagyň düzgünleri

**1.** Arza beriji daşary ýurduň sertifikaty bolan harydy tabşyran halatynda ol “inwoýsyň” nusgasyny hem bermelidir. Önümi kabul ediji-kärhana, gurama, hereket ýa-da şahsy adam “Türkemnstandartlary” Baş döwlet gullugynyň sertifikatlaşdyrmak baradaky edarasyna Ä goşundyda görkezilen görnüş boýunça arzany tabşyrýar. Arza bilen bileikde gümrükhananyň jarnamasy tabşyrylýar.

**2.** Arza seretmegiň möhledi -1gün, ýerine ýetirji, arza berijininiň günäsi bilen iş saklanan halatynda bu barada arzanyň arka ýüzünde iki tarapyň gol çekmegi bilen bellik edýär. Arza sertifikatlaşdyrmak baradaky edarada bellige alynýar hem-de görkezilen önümi sertifikatlaşdyrmak boýunça

işleri ýerine ýetirjini bellemek üçin edaranyň ýolbaşçysyna gowuşýar.

**3.** Arza berijä hasapnama berilýär, ol sertifikatlaşdyrmak boýunça işleriň başlanmagy bilen birwagtda tölenmelidir, bu barada arza beriji töleg tabşyrygyn ýa-da töleg hatyny tebşyrmak bilen habar edýär.

**4.** Ýerine ýetirji arza berijiniň gatnaşmagynda aşakdaky işleri geçirýär:

- önümi barabarlaşdyrmak;
- önümiň daşyny gözden geçirmek;
- önümi synag etmek üçin nusgalyklary seçip almak.

**5.** Önümiň barabarlaşdyrylşy sertifikatlaşdyrylmaga tabşyrylan önümiň ady, görnüşi, markasy boýunça gümrükhananyň ýük jarnamasynda we arzada görkezilen maglumatlara laýyklygyny kesgitlemekden ybaratdyr.

**6.** Önümiň daşyny gözden geçiriliş onuň ýerleşýän ýerinde amala aşyrylýar (organoleptiki barlag).

Eger önüm barlaghanada synag edilmeýän bolsa, önümiň daşyny gözden geçirişiň netijeleri boýunça B goşundyda görkezilen görnüş boýunça ekspertizanyň namasy düzülýär.

**7.** Önümiň nusgalaryny hereket edýän standartlaryň talaplaryna laýyklykda, şol nusgalyklary we nusgalary barlamaga mümkinçilik berýän iň az mukdarda hem-de”Sertifikatlaşdyryş synaglary üçin iýmit önümleriniň nusgalyklaryny seçip almagyň kadalaryna” laýyklykda seçip alýarlar

**8.** Synaglary geçirmek üçin nusgalyklaryň we nusgalaryň seçilip alnyşy bellenilen görnüşdäki nama bilen resmileşdirilýär.

**9.** Synaglary geçirmek üçin önümleriň nusgalary we nusgalyklary akkreditirlenen (attestatlaşdyrylan) barlaghanalara iberilýär. Önümi ýurduň daşyna çykarýan kärhana, gurama

hereket ýada şahsy adam (mundan beýläk-Arza beriji) sertifikatlaşdyrmak baradaky aşakdaky resminalary tabşyrýar:

-A goşundydaky görnüş boýunça arza;

- eger önümçilik ýa-da önüm sertifikatlaşdyrlan bolsa hem-de kärhana setifikat bermek hukugyna eýe bolsa, onda laýyklyk sertifikatynyň nusgasy (mundan beýläk sertifikat);

- synag protokolynyň, ekspertizanyň ýa-da oraganoleptiki barlagyň arzasynyň nusgasy;

- geleşigiň nusgasy eger-de önüm öndüriji- kärhana tarapyndan dälde, dellalçylyk ýa-da täjirçilik guramalary tarapyndan ýurduň daşyna çykarýan bolsa; Arza we bellenenresminamalara sertifikatlaşdyryş baradaky edarada bellige alynýan hem-de edaranyň ýolbaşçysy tarapyndan işleri ýerine ýetirji – eksport-auditor bellenilýär. Arza seretmegiň möhleti bir gün.

Önümiň sertifikaty bolmadyk halatynda Arza berijä hasapnama berilýär, ol sertifikatlaşdyrmak boýunça işleriň başlanmagy bilen bir wagtda tölenmelidir, bu barda arza berijä töleg tabşyrygyny ýa-da töleg hakyny tabşyrmak bilen habar edýär. Önümiň laýyklyk sertifikaty bar bolan halatynda eksport-auditor aşakdaky işleri geçirýär.

- Önümi barabarlaşdyrmak;
- Önümiň daşyny gözden geçirmek;
- Bar bolan serfikaty ýurduň daşyna çykarylýan önüm üçin serfikatlaşdyryş ulgamynda (mundan beýläk ulgam)bellenilen nusgadaky serfikata gaýtadan resmileşdirmek.

Laýyklyk serfikaty bolmadyk halatynda ekspert-auditor arza berjiniň gatnaşmagynda şu aşakdaky işleri geçirýär.

- Önümi barabarlaşdyrmak;
- Önümiň daşyny gözden geçirmek (organoleptiki barlag);

- Synag etmek üçin önümiň nusgalyklaryny seçip almak .

Önümiň barabarlaşdyrylyşy sertifikatlaşdyrylmaga tabşyrylan önümiň ady, görnüşi, markasy boýuça gümrükhananyň ýük jarnamasynda we arzada görkezilen maglumatlara laýyklygyny kesgitlemekden ybaratdyr.

Önümiň daşyny gözden geçiriliş onuň ýerleşýän ýerinde amala aşyrylýar (organaleptiki barlag). Eger önim barlaghanada synag edilmeýän bolsa, önümiň daşyny gözden geçirişiň netijeleri boýunça ekspertizanyň namasy resmileşdirilýär. Önümiň nusgalary hereket edýän standartlaryň talaplaryna laýyklykda hem-de “Sertifikatlaşdyryş synaglary üçin iýmit önümleriň nusgalyklaryny (nusgalaryny) seçip almagyň kadalaryna”laýyklykda seçilip alynýar.

Synaglary geçirmek üçin nusgalyklaryň we nusgalaryň seçilip alynşy. “Türkmensdandartlary” Baş döwlet gullugynda bellenilen görnüşdäki nama bilen resmileşdirilýär. Synaglary geçirmek üçin önümleriň nusgalary we nusgalyklary akkreditirlenen (attestatlaşdyrylan) barlaghanalara iberelýär.

Synaglaryň netijeleri bellenilen görnüşdäki synag protokoly bilen resmileşdirilýär.

Sertifikatlaşdyrmak baradaky edara ekpertizanyň we synaglaryň netijeleri kanagatlanarly bolan ýagdaýynda ulgamda bellenilen nusgadaky sertifikaty resmileşdirýär.

Sertifikat iki nusgada (ekzemplýarda) resmileşdirilýär, oňa sertifikatlaşdyrmak baradaky edaranyň ýolbaşçysy gol çekýär, “TDS” möhüri bilen tassyklanylýar, ulgamyň döwlet reýestrinde bellige alynýar hem-de arza berijä berilýär. Sertifikatyň hereket edýän möhleti sertifikatlaşdyrmak baradaky edara tarapyndan her bir ýagdaýda aýratyn bellenilýär hem-de önümiň ýaramlylyk möhletinden, ony saklamagyň, ýerlemegiň ýa-da ulanmagyň möhletinden geçmeli däldir. Işleri

geçirmegiň möhleti iki günden geçmeli däldir.

Işler geçirlende onuň möhleti, önümi synag etmäge degişli kadalaşdyryjy resminamalarda göz öňünde tutulan möhletlerden geçmeli däldir. Ekspertizanyň ýa-da synaglaryň netijeleri ýaramaz bolan halatynda sertifikatlaşdyrmak baradaky edara arza berijä sertifikat bermegi ret edýär hem-de arza berijä tabşyryknama berýär. Tabşyryknamada ýerine ýetirilmeli möhleti bilen görkezmeler berilýär.

Sertifikatlaşdyrmak baradaky edaranyň işgäri ekspertiza geçirmek, barlaghana nusgalyklary seçip almak üçin arza berijiniň ulagynda gatnadylýar.

**Sertifikatyň hereket edýän möhletini uzaltmak.**

Arza berijä sertifikatlaşdyrmak baradaky edara sertifikatyň hereket edýän möhletini uzaltmak baradaky haýyş bilen ýazmaça görnüşde ýüz tutýar. Hatda aşakdakylar görkezilmelidir:

- Sertifikatyň belgisi, berlen senesi;
- Önümiň ady we mukdary;
- Hatyň ýanyna sertifikat goşulýar.

Sertifikatlaşdyrmak baradaky edara önümiň saklanylýan şertlerini, galan mukdaryny barlaýar, ekspertizany (zerur bolanda barlaghana synaglary) geçirýär hem-de meseläniň oňaýly çözülen ýagdaýynda sertifikatyň hereket edýän möhletini uzaldýar. Şunluk-da sertifikat öňki belgini we bellige alynan senäni görkezmek bilen täze blankada resimileşdirilýär.

Ýurduň daşyna çykarylýan önümiň laýyklyk sertifikatynyň “Aýratyn bellikler” bölüminde sertifikatyň möhleti uzaldylandygy hakynda maglumat we sertifikatyň öňki blankynyň belgisi görkezilýär. Ulgamyň döwlet

reýestrinde sertifikatyň möhleti uzaldylandygy hakynda ýazgy edilýär.

**Işler üçin töleg.**

Sertifikatlaşdyrmak boýunça ähli işler üçin işleriň netijelerine garamazdan arza beriji töleýär.

Önümi sertifikatlaşdyrmak boýunça işler üçin töleg TDS 1.2-93 “Döwlet sertfikatlaşdyryş ulgamy. Esasy düzgünler” hem-de “Türkmenstandartlary” Baş döwlet gullugynda hereket edýän tariflere laýyklykda tölenilýär.

Sertifikatyň möhleti uzaldylandygy üçin töleg GR 16162325-07-965.3 bendi boýunça tölenilýär.

## Şikaýat arzalary bermegiň tertibi.

Arza beriji sertifikatlaşdyrmak boýunça işleriň netijeleri ýa-da sertifikatlaşdyrmak baradaky edaranyň çözgüdi bilen razy bolmadyk halatynda, ol “Türkmenstandartlary” Baş döwlet gullugynyň şikaýatlar baradaky iş toparyna şikaýat arzasyny bermege hukugy bar.

## Düzgünleriň bozulmaklygy üçin jogapkärçilik

Edara görnüşindäki taraplar we şahsy adamlar, sertifikatlaşdyrmak baradaky edaralar şu Düzgünleri bozandyklary üçin düzgü-tertip ýa-da jenaýat jogapkärçiligini çekýärler.

## Laýyklyk sertifikatlary, olaryň görnüşleri, berliş TERTIBI

Dünýä birleşigi, şol sanda biziň ýurdumyz halkara standartlarda umumylaşdyrylan ylym we tehnikanyň dürli

ugurlarynda uly amaly tejribe toplady. Häzirki wagtda halkara standartlaryny bilmezden we ISO standartlarynyň 9000 we 14000 (ekologiki) seriýaly laýyklyk sertifikatlaryny almazdan harytlary dünýä bazaryna çykaryp bolmaýar.

Türkmenistanda sertifikat almak üçin "Türkmenstandartlary" BDG sertifikasiýa guramasyna arza bermeli.

Tejribeçilikde bolsa, bu şular ýaly ýerine ýetirilýär:

**1)** Önümiň nusgalyklary saýlanyp alynýar.
**2)** Tehniki resminamalary öwrenilýär.
**3)** Sertifikasiýa guramasy önüminiň seçgisiniň hil ýa-da sertifikasion barlagyny geçirýär.
**4)** Olaryň netijesi boýunça laýyklyk sertifikaty berilýär.

Türkmenistanda berilýän sertifikatyň tipi:

TM 795.00.00.0000

Bu ýerde:TM 795-BMG "Dünýä ýurtlarynyň klassifikatory" boýunça kody

00-ulgamyň Döwlet reýestriniň bölüminiň kody;

00-sertifikasiýa guramasynyň kody;

0000-laýyklyk sertifikatynyň tertip nomeri.

Sertifikat- bu önümiň ýa-da hyzmatyň standartyň talaplaryna laýyk gelýänligini (degişli guramasynyň resminamasy bilen kepillendirmek) kepillendirýän resminama.

Sertifikat-bu önümleriniň ýa-da hyzmatlarynyň ygtybarlylygyny we hilini tassyklaýan resminama.

Halkara sertifikatlary dünýäniň ösen ýurtlarynyň bölümleri bolan garaşsyz ýöriteleşdirilen kompaniýalar (mes SZS) Şweýsariýa, Beýik Britaniýa) tassyklama sertifikatlary:

ISO 9000 wersiýa hil sertifikatlary

ISO 14000 wersiýaly ekologiki sertifikatlary

OHSPS 18000 halkara sertifikaty işgärleriniň saglygyny goramagy dolandyrmak ulgamynyň işläp düzmek boýunça halkara standarty

WRAP sertifikaty taýýar geýim öndürilende umumy dünýä jogapkärçiligi

TQM (total quality menejment) hil esasynda ähliumumy dolandyryş

ISO 9001, ИСО/ТУ 16949 hil ulgamynyň menejmenti

ИСО 14001 Daş töweregi goramak hil menejmenti

OHSAS 18001 zähmet howpsuzlygy we saglygy goramak hil menejmenti.

Goşmaça maglumatlar aşakda görkezilýär:

GoşundyA



TÜRKMENISTANYŇ SERTIFIKATLAŞDYRYŞ ULGAMY

СИСТЕМА СЕРТИФИКАЦИИ ТУРКМЕНИСТАНА

**LAÝYKLYK SERTIFIKATY**

СЕРТИФИКАТ СООТВЕТСТВИЯ

Зарегистрирован в Государственном реестре системы сертификации « » 200 г.ý.

№ TM 795. 04 Garaşsyzlyk 2004 ý

bilen Sertifikatlaşdyryş ulgamynyň Döwlet reýestrinde hasaba alyndy

№ 1 015265

Действителен до « » 04 Gurbansoltan 2005 ý

Saklanyş şertleriniň talaplaryny berjaý edilen ýagdaýynda

Выдан

"Bahar Inşaat Sanayi we Tijaret" A.Ş. berildi

(наименование заказчика, поставщика продукции на сертификацию)

ýerleşýän ýeri (адрес)

Aşgabat ş. G. Gulyýew köç., 24

KGUK kody (код ОКПО) 00022102

Sertifikat degişli görnüşde identifisirlenen

(Настоящий сертификат удостоверяет, что идентифицированный надлежащим образом образец(ы) продукции)

XXX Ýazgylar boýunça mermeri berkidiji sinklenen elementlar. XXX

görnüşi, markasy (тип, вид, марка)

ÖUTK kody (код ОКП)

önümleriň nusgalarynyň barlag edilendigini we onuň

(проверены и соответствуют требованиям, установленным)

TDS 1759.0-87, TDS 16523-97, TDS 11474-76

(обозначение стандартов или иных нормативных документов)

bellenen talaplara laýyk gelýändigini kepillendirýär.

Sertifikat (Сертификат распространяется на)

işlaýyň ölçegi, belgisi (размер партии, номер)

XXX Ýazgylar boýunça 1 (bir) toplumdan ybarat bolan "Türkmenstandartlary" D.G. möhri bilen tassyklanan XXXX ulanylýar

taýýarlanan senesi (дата изготовления)

Sertifikat (Сертификат выдан) « » 200 г.ý. berildi

(Протокол, акт экспертизы) 04 Garaşsyzlyk 2004 ý. 200 г.ý. № protokol

ekspertizanyň akty 01 Garaşsyzlyk 2004 ý. Akt eks. N 1659

Sertifikatlaşdyryş baradaky edaranyň ýolbaşçysy

(Руководитель органа по сертификации)

M.Ý. M.П. goly (подпись) ady, familiýasy (фамилия и инициалы)

Alaýew O.H.

Mämmethanow G.

Goşundy B

MAJOR STATE SERVICE «TURKMENSTANDARTLARY»

ГЛАВНАЯ ГОСУДАРСТВЕННАЯ СЛУЖБА «ТУРКМЕНСТАНДАРТЛАРЫ»

«TÜRKMENSTANDARTLARY» BAŞ DÖWLET GULLUGY

# HOWPSUZLYK SERTIFIKATY

## СЕРТИФИКАТ БЕЗОПАСНОСТИ

TDS

№ ______

Выдан

«___» ____________ 200__ г. ý.

berildi

Действителен до

«___» ____________ 200__ г. ý.

çenli hereket edýär.

**Geçirilen barlaglaryň we berlen önümçilik attestatlarynyň esasynda**

На основании проверки и выданных аттестатов производства

______________________________________________

sertifikaty beren «Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugynyň edarasynyň ady

______________________________________ **tarapyndan**

(наименование органа Главгосслужбы «Туркменстандартлары», выдавшего сертификат)

выдан настоящий сертификат ______________________________

sertifikat berlen kärhananyň, obýektiň, bölümiň ady

______________________________________________

(наименование предприятия, объекта и подразделения)

______________________________________ **sertifikat berildi**

**we bölümleriň ýagdaýynyň zähmeti goramak baradaky normatiw-tehniki resminamalaryň talaplaryna laýyk gelýändigi kepillendirilýär.**

и удостоверяет, что состояние подразделений отвечает требованиям нормативно-технических документов по охране труда

**Ýolbaşçy:**

Руководитель: ______________________________________________

wezipesi (должность) — a., aa., familiýasy (инициалы, фамилия) — goly (подпись)

M.Ý.

(м.п.)

Goşundy Ç



Türkmenistanyň standartlaşdyryş, metrologiýa, ýerasty baýlyklary goramak we halk hojalygynda işleri howpsuz alyp barmak baradaky Baş döwlet inspeksiýasy

Главная государственная инспекция Туркменистана по стандартизации, метрологии, охране недр и безопасному ведению работ в народном хозяйстве Туркменистана

TDS

# ÖNÜMÇILIGE LAÝYKLYK SERTIFIKATY
## СЕРТИФИКАТ СООТВЕТСТВИЯ НА ПРОИЗВОДСТВО

Выдан
Berildi

Зарегистрирован в Государственном реестре Системы сертификации « » 199 ý
№ bilen Sertifikatlaşdyryş sistemasynyň Döwlet reýestrinde hasaba alyndy

Ýerleşýän ýeri (адрес)

Действителен до « » 199 ý
ýenli hereket edýär

**Şu sertifikat bilen** (Настоящим сертификатом удостоверяется, что состояние производства соответствует требованиям системы сертификации TDS в части обеспечения стабильности характеристик выпускаемой по

**boýunça göýberilýän** продукции

NTD-niň belgisi (обозначение НТД)

ady, görnüşi, tipi, ÖÖKK (наименование, вид, тип, к. ОКП)

**önümleriň önümçilik ýagdaýynyň TDS sertifikatlaşdyryş sistemasynyň önümleriň häsiýetleriniň kadalylygyny üpjün etmek bölüminiň talaplaryna laýyk gelýändigi kepillendirilýär**

**Sertifikat**
Сертификат выдан

tarapyndan berildi

ýerleşýän ýeri (адрес)

M.Ý.
М.П.

**Sertifikatlaşdyryş boýunça organyň ýolbaşçysy**
**Руководитель органа по сертификации**

**Baş ekspert-auditor**
**Главный эксперт-аудитор**

goly (подпись)

a. at. f. (Ф.И.О.)

goly (подпись)

a. at. f. (Ф.И.О.)

GoşundyD

**Howply önümçilikler, işler we halk hojalygynda olar bilen baglanyşykly işiň beýleki görnüşleri üçin döwlet tarapyndan ygtyýarnama bermek hakyndaky Düzgünnama**
**№2-nji GOŞUNDY**

«Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugy

**Ygtyýarnamalary bermegiň we hasaba almagyň ŽURNALY**

| Tertip boýunça № | Ygtyýarnamanyň berleen senesi | Kärhana, raýat | Ýerleşýän ýeri | Ygtyýarnamanyň seriýasy we nomeri | Ygtyýarnamany bermek üçin esas | Ygtyýarnamanyň hereketiniň möhleti | Alnandygy barada gol |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

# Goşundy E

**A goşundy**
**(hökmany)**

Registrirlemäniň senesi ____________ Sertifikatlaşdyryş
Registrirlemäniň nomeri ____________ boýunça edaranyň ady ______
______________________________

## ARZA

1.____________________________________________
arza beriji kärhananyň ady

______________ ______________ ______________
SOOGU kody HHPUK kody KGUK kody

______________________________ tarapyndan mälim edilýär, ýagny
ýolbaşçynyň familiýasy, ady, atasynyň ady

önümiň görnüşiniň ady

______________________ ______________ ______________
mukdary nyrhy

Seriýalaýyn öndürilýär ýa-da tapgyr (her önüm) ýekelikde öndürilende ___

______________________________ boýunça öndürilýär
taýýarlaýjynyň dokumenti (TŞ, standart)

Ýurt ______________ Tabşyryjy-şereket (firma) ______________

Önümiň şu standartlaryň talaplaryna laýyklygyna sertifikatlaşdyryşy geçirmegi haýyş edýäris.

2. Arza beriji borçlanýar:
- sertifikatlaşdyryşyň ähli şertlerini ýerine ýetirmäge;
- önümiň sertifisirlenen häsiýetleriniň durnuklylygyny üpjün etmäge, laýyklyk belgisi bilen belliklemäge;
- sertifikatlaşdyryş boýunça ähli çykdajylary tölemäge.

3.____________________________________________
goşmaça maglumatlar (salgysy, telefon, faks, h/s)

Kärhana ýolbaşçysy ________ ______________
M.Ý. goly familiýasy, ady, atasynyň ady

Baş hasapçysy ________ ______________
goly familiýasy, ady, atasynyň ady

______________________________
F11 (TDS) 1999 ý. 31.12. №49 «Türkmenstandartlary» BDG-nyň buýrugy bilen tassyklandy.

B goşundy
(hökmany)

«Tassyklaýaryn»

______________

20__ý. ______«___»

# EKSPERTIZA AKTY

20__ ýylyň ________aýynyň «___» №________________

1. Akt ______________________________________ tarapyndan düzüldi

wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady

Ekspertiza.______________________________________________

_______________________________________________________

_______________________wekilleriniň gatnaşmagynda geçirdi:

2. Ekspertiza geçirmäge hödürlenildi:

| №№ | Harydyň ady, sorty, artikuly, ýerindäki barlagyň netijesi | Ölçeg birligi | Möçberi | Bahasy (manat) |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |

3. Ekspertiza şu resminamalara laýyklykda geçirildi: ______________

_______________________________________________________

_______________________________________________________

4. Harydyň barlagynyň netijeleri ______________________________

_______________________________________________________

_______________________________________________________

_______________________________________________________

_______________________________________________________

_______________________________________________________

Gollar:

_______________________________________________________

T 10 (TDS) 1999 ý. 31.12. №49 «Türkmenstandartlary» BDG-nyň buýrugy bilen tassyklandy.

## Edebiýatlar


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat, 2009.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). Aşgabat, 2009.
7. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Obalaryň, şäherleriň, etrapdaky şäherçeleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin» Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.
8. «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasy. «Türkmenistan» gazeti, 2003-nji ýylyň, 27-nji awgusty.
9. «Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasy». Aşgabat, 2006.
10. ″Standart, hil we howpsuzlyk″ ylmy-populýar žurnal.
11. ISO-9000, ISO-14000- Halkara standartlaryň kompleksi

**12.** Senagat önümlere we tehnologik prosesslara degişli Türkmenistanda hereket edýän kadalaşdyryjy resminamalar

**13.** Купряков Е,М Стандартизацция и контроль качества промышленной продукции,-М,изд."Высшая школа",-113,1985

**Mazmuny**

1. Giriş 7
2. Sertifikatlaşdyrmagyň maksatlary. Sertifikatlaşdyrmak boýunça döwlet ulgamy 11
3. Sertifikasiýa ulgamyna gatnaşýanlaryň kanunlary we borçlary 18
4. Türkmenistanda sertifikasiýa işleriniň geçirilýän ugurlary 19
5. ISO 9000 we 14000 seriýaly sertifikatlaryna zerurlyk 26
6. Daşary ýurtlaryň standartlaşdyrmak baradaky kanunçylyk binýatlary 31
7. Türkmenistanyň önümleriniň milli laýyklyk belgisi 39
8. Sertifikasiýanyň görnüşleri 42
9. Barlag laboratoriýalary we olary akkreditirlemegiň düzgünleri 51
10. Hili üpjün edýän ulgam 64
11. Howply önümçilikler, işler we halk hojalygynda olar bilen baglanşykly işiň beýleki görnüşleri üçin döwlet tarapyndan ygtyýar bermek hakynda düzgünnnama 66
12. Sertifikatlaşdyrmagyň düzgünleri 69
13. Sertifikatyň hereket edýän möhledini uzaltmak 75
14. Laýyklyk sertifikatynyň berliş tertibi 76
Edebiýat 85